## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – TÄZE ŞÄHERIŇ GURULMAGY BIZIŇ ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY KUWWATYNYŇ ARTÝANDYGYNA, HÜNÄRMENLERIMIZIŇ TAÝÝARLYK DEREJESINIŇ ÝOKARYDYGYNA AÝDYŇ ŞAÝATLYK EDÝÄR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

7-nji iýul, 2023. Belgisi 27/1541




# ÖZARA BÄHBITLI, KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

*4-nji iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna (ŞHG) agza döwletleriň Baştutanlarynyň Geňeşiniň 23-nji mejlisine gatnaşdy.*

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň Liderleriniň bu duşuşygynda bu guramanyň geçen ýylda alyp baran işleriniň jemleri jemlenildi, işiň ileri tutulýan esasy ugurlary kesgitlenildi, beýleki döwletler we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk, sebit we ählumumy gün tertibiniň has möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şu ýyl Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna Hindistan Respublikasy başlyklyk edýär. Geňeşiň mejlisi başlanmazdan ozal, Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi belent mertebeli myhmanlary mähirli mübärekledi.

Şu gezekki sammit «Howpsuz ŞHG ýolunda» (Towards a SECURE SCO) mowzugy boýunça geçýär. Iňlisçe «SECURE» diýen gysgaldylan adalgany ŞHG-niň 2018-nji ýylda geçirilen ýokary derejeli duşuşygynda Narendra Modi teklip edipdi. Şunda S harpy raýatlaryň howpsuzlygyny (security for citizens), E ykdysady ösüşi (economic development), C sebit gatnaşyklaryny (connectivity in the region), U agzybirligi (unity), R döwlet Garaşsyzlygyna we çäk bitewüligine hormat goýmagy (respect of sovereignty and integrity), E harpy bolsa daşky gurşawy goramak (environment protection) diýmegi aňladýar.

Duşuşyga ŞHG-ä agza döwletleriň Baştutanlary gatnaşdylar. Sammite synçy döwletleriň Liderleri hökmünde Eýranyň, Belarusuň we Mongoliýanyň Prezidentleri, Türkmenistanyň Prezidenti hormatly myhman hökmünde çagyryldy. Şeýle hem mejlise bu guramanyň hemişelik hereket edýän iki edarasynyň, birnäçe halkara we sebit düzümleriniň ýolbaşçylary goşuldylar. Hindistanyň Hökümetiniň Başlygy ýygnananlary mähirli mübärekläp, sammite gatnaşyjylara söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz sammite gatnaşýan döwletleriň Baştutanlaryna, wekiliýetleriň ýolbaşçylaryna we agzalaryna ýüzlenip, Premýer-ministr Narendra Modä şu möhüm mejlise hormatly myhman hökmünde gatnaşmaga çakylygy üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdi. Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Kasym-Žomart Tokaýewi Gazagystan Respublikasynyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna başlyklygy kabul etmegi bilen tüýs ýürekden gutlap, dostlukly ýurduň ŞHG-de başlyklyk etjek döwründe ähli başlangyçlarynda üstünlikleri arzuw etdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Prezident Seýed Ebrahim Raisini Eýran Yslam Respublikasynyň ŞHG-ä agzalyga kabul edilmegi, Prezident Aleksandr Lukaşenkony bolsa Belarus Respublikasynyň gurama doly hukukly agza döwletiň derejesini almagy baradaky çözgüdiň kabul edilmegi bilen gutlap, olara täze görnüşdäki hyzmatdaşlygyň çäklerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň bu foruma gatnaşmagy Türkmenistana, onuň alyp barýan netijeli daşary syýasatyna bildirilýän uly hormatyň nyşanydyr. Özara bähbitli, köpugurly hyzmatdaşlygyň geljekki mümkinçiliklerine düşünişmegiň hem-de olary durmuşa geçirmäge taýýarlygyň subutnamasydyr.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen gatnaşyklar biziň ýurdumyz üçin halkara hyzmatdaşlyk strategiýasynyň möhüm bölegi bolup durýar. Bu guramanyň agzalary, oňa synçy hökmünde gatnaşýan ýurtlar Türkmenistanyň öňden gelýän hyzmatdaşlary, goňşulary we dostlarydyr.

Şunuň bilen baglylykda, bu gurama bilen gatnaşyklaryň ösdürilmeginiň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň okgunly ösüşi, dünýä we sebit işlerine ýurdumyzyň gatnaşmagynyň umumy ugry bilen utgaşýandygy nygtaldy. Şeýle-de, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ykdysady, maýa goýum, ulag, energetika we beýleki ugurlarda öňe sürýän başlangyçlaryna Türkmenistanyň uly gyzyklanma bilen garaýandygy, bu başlangyçlary durmuşa geçirmäge ýurdumyzyň özara bähbitli, uzak möhletleýin esasda gatnaşmagynyň oňat mümkinçiliklerini görýändigi aýdyldy.

Şeýle işiň uly geljeginiň bardygyny bellemelidiris. Bu bolsa biziň ýurtlarymyzyň kuwwatly serişde, önümçilik binýady, aýratyn-da, soňky ýyllarda ulag-logistika, aragatnaşyk we kommunikasiýalar ulgamlarynyň ösmegi bilen baglydyr. Ol özara ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesiniň toplanandygy we başga-da birnäçe mümkinçilikler bilen şertlenendir diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. Nygtalyşy ýaly, diňe pugta parahatçylyk, durnukly howpsuzlyk üpjün edilende, ykdysady hyzmatdaşlygyň üstünlikli boljakdygy äşgärdir. Türkmenistan bu örän möhüm iki wezipäni amala aşyrmakda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk etmäge taýýardyr diýip, döwlet Baştutanymyz işleriň birnäçe anyk ugurlaryna üns bermegi teklip etdi.

Birinjiden, kiberhowpsuzlyk we biohowpsuzlyk ulgamynda syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygy ýola goýmak; ikinjiden, täze yklymara we sebit üstaşyr ulag geçelgelerini döretmäge, bar bolanlarynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen logistik işiň amatly usulyny emele getirmek; üçünjiden, energiýa serişdelerini diwersifikasiýa ýoly bilen ibermek boýunça bilelikdäki taslamalary meýilleşdirmek arkaly yzygiderli we uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk üçin şertleri döretmekdir. Gürrüň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň zerurlyklaryny üpjün etmek we geljekde daşarky bazarlara çykmak barada barýar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Dördünjiden, ýokary tehnologiýalar ulgamynda netijeli hyzmatdaşlyk etmek üçin binýady döretmek diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi. Bäşinjiden, howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak, ekologiýa babatda bilelikdäki işleri utgaşdyrmak bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek baradaky başlangyjyny durmuşa geçirmäge gatnaşmak mümkinçiligine seretmegi ähli gyzyklanýan taraplara teklip etdi. Ýokarda bellenip geçilen ugurlaryň her biri boýunça ilkinji ädim hökmünde bilermenleriň derejesinde geňeşmeleri geçirmegi maksadalaýyk hasaplaýaryn. Şeýle geňeşmeleriň biziň şertlerimize we zerurlyklarymyza oňat baha bermäge, şonuň esasynda mundan beýläk-de bilelikde işlemegiň ýollaryny kesgitlemäge mümkinçilik berjekdiginden ugur alýarys diýip, döwlet Baştutanymyz beýan edilen başlangyçlary durmuşa geçirmegiň ilkinji nobatdaky çärelerini kesgitledi. ■ 2

# Arkadag şäheriniň açylyş dabarasyna mynasyp sowgat

*Arkadag şäheriniň açylmagy ýurdumyzyň ykdysady we ylmy-tehnologik taýdan okgunly ösüşiniň aýdyň subutnamasy hökmünde Türkmenistanyň täze taryhynyň senenamasyna altyn harplar bilen ýazyldy.*

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň asylly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmegi netijesinde, Arkadag şäheri adamlaryň durmuşy, zähmet çekmekleri, dynç almaklary üçin iň kämil we amatly, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän şäherleriň birine öwrüldi. Köpetdagyň eteginde döredilen bu şäher diňe bir ýurdumyzyň obalary we şäherleri üçin däl, eýsem, goňşy sebitler üçin hem ekologiýa abadançylygynyň nusgasy bolup durýar. Bu ýerde gurlan sanly ulgam esasynda iş alyp barýan edara-kärhanalar, durmuş maksatly desgalar, döwrebap elektrobuslary we elektrotaksileri öz içine alýan ulag-kommunikasiýa ulgamy ekologiýa gurşawyň abadançylygyny üpjün edýär.



Watanymyzyň iň gözel künjekleriniň birinde peýda bolan döwrebap we ösen şäher hakynda okyjylar köpçüligine gürrüň berilýän Gahryman Arkadagymyzyň «Arkadag şäheri – geljegiň şäheri» atly kitabynyň täze şäheriň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasynyň öňüsyrasynda neşir edilmegi şanly dabara mynasyp sowgat boldy.

Ýokary derejede çap edilen neşirde döwrebap binalaryň we desgalaryň aýratynlyklaryny şekillendirýän owadan fotosuratlar ýerleşdirilipdir. Kitap türkmen, iňlis we rus dillerinde neşir edildi, bu bolsa ony giň okyjylar köpçüligine, şol sanda daşary ýurtly okyjylara elýeterli edýär.

Kitapda «Gadymy toprakda dörän gudrat», «Gurýan döwlet – gurply döwlet», «Arkadag şäheri – döwlet ähmiýetli şäher», «Arkadagda «akylly» şäher konsepsiýasy», «Akylly» şäheriň «akylly» ulaglary», «Akylly» öý hyzmatlary», «Ekologiýa abadançylygy ugrunda», «Ýaşyl» tehnologiýalar – «ýaşyl» ykdysadyýet», «Tenekar topragyň şirin nygmaty», «Belent hormatyň nyşany», «Ösüşinde bedewleriň bady bar», «Ýaşlygyň we ýaşlaryň şäheri», «Gözelligiň şäheri», «Dowamata dowam şäher», «Goý, halkymyz eşretli durmuşda ýaşasyn!» atly bölümler bar. ■ 2

# Gurluşygyň we senagatyň beýik nusgasy

*4-nji iýulda Arkadag şäheriniň gurluşyk toplumynda «Arkadag şäheri – gurluşygyň we senagatyň beýik nusgasy» atly halkara maslahat geçirildi. Ol täze şäheriň birinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegi mynasybetli guralan halkara çäreleriň jemini jemledi.*

Foruma Türkmenistanyň we ýurdumyzyň ozaldan gelýän, ygtybarly hyzmatdaşlary bolan daşary ýurt kompaniýalarynyň, gurluşyk edaralarynyň, senagat, energetika, himiýa we ýol gurluşygy pudaklarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Şolaryň hatarynda «Buig Türkmen», «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd», «Hyundai Engineering Co., Ltd», «Kawasaki Heavy Industries, Ltd», «Sumitomo Corporation», «Çalik Enerji Sanayi ve Ticaret A.Ş.», «Rönesans Inşaat», «Wozroždeniýe» kompaniýalary, şeýle hem «Dorožnoýe stroitelstwo Altkom», «INAS+» jogapkärçiligi çäkli jemgyýetleri we beýlekiler bar.



Merkezi Aziýada deňi-taýy bolmadyk täzeçil gurluşyk taslamasynyň, «akylly» şäher konsepsiýasynyň amala aşyrylmagy uzak geljegi nazarlaýan iri möçberli taslamalary üstünlikli durmuşa geçirýän Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň nobatdaky beýanyna öwrüldi. Bary-ýogy birnäçe ýylyň içinde Köpetdagyň ajaýyp künjeginde emele gelen ekologiýa taýdan arassa we owadan şäheriň ýurdumyzyň möhüm ylym-bilim, medeni, halkara merkezine öwrülmegi, oňa kanun esasynda döwlet ähmiýetli şäher derejesiniň berilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýetilen beýik sepgididir, uly üstünligidir.

Giň gerimli şähergurluşyk maksatnamasyny esaslandyryjy we bu taslamanyň başyny başlan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen täze şäher IT tehnologiýalaryň we häzirki zaman binagärlik çözgütleriniň nusgasyna öwrüldi. Ol dünýäniň şähergurluşyk maksatnamasynyň we milli binagärlik ýörelgeleriniň täzeçil meýillerini özünde jemleýär. Muňa şu günki foruma gatnaşyjylar hem aýdyň göz ýetirdiler. Forumyň çäklerinde ýörite sergi guraldy. Onda halkara maslahata gatnaşyjylar şäherleriň we sebitleriň durmuş ulgamynyň guralmagyna, gurluşyk-senagat toplumynyň ösdürilmegine gönükdirilen täzeçil tehnologiýalar bilen tanyşdyryldy. Munuň özi bu toplumyň ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň geljegi uly we sazlaşykly ösýän pudaklarynyň biridigini, energetika, himiýa pudaklarynda, ýol gurluşygynda amala aşyrylýan özgertmeleri giňden görkezýär.

Maslahatyň dowamynda bellenilişi ýaly, milli medeniýetiň ösdürilmegi ylmy-tehniki ösüş bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki döwürde bu ugurda ýetilen sepgitler öňdebaryjy sanly, maglumat-kommunikasiýa we «ýaşyl» tehnologiýalar işjeň ulanylan «akylly» şäher konsepsiýasyna laýyk gelýär. Täze şäheriň taslamasy taýýarlanylanda, amatly şäher gurşawyny döretmäge mümkinçilik berýän täzeçil çözgütleriň göz öňünde tutulmagy Arkadag şäheriniň esasy aýratynlyklarynyň biri bolup durýar. ■ 2

## Iň gowy şäherleriň sanawy düzüldi

Awstriýanyň Wena şäheri «Economist Intelligence Unit» kompaniýasy tarapyndan düzülen sanawda ýaşamak üçin dünýäniň iň gowy şäheri diýlip saýlandy. ■ 4

## Deňiz suwunyň saglyga peýdasy

Bilermenler deňiz kenarlarynda dynç almagyň peýdasynyň uludygyny belleýärler. Deňziň göm-gök suwuna çümmek, howasyndan dem almak, tolkunlaryň sesini diňlemek – bular elýetmez bejergiler hasaplanýar. ■ 5

## 136-njy «Wimbledon» tennis ýaryşy

Hepdäniň duşenbe güni, has takygy, 3-nji iýulda möwsümiň 3-nji «Uly tuwulgasy» bolan «Wimbledon» tennis bäsleşigine badalga berildi. Londonyň Wimbledon diýlen ýerinde guralýan ýaryş 136-njy gezek geçirilýär. ■ 7

## Transfer täzelikleri

«Premier Ligada» möwsümi juda şowsuz tamamlan «Çelsi» kluby elindäki ýyldyzlary birin-birin ugratmagyny dowam edýär. Köp wagtdan bäri ady «Mançester Ýunaýted» bilen agzalýan Meýson Maunt hem klubdan gaýdanlaryň hataryna goşuldy. ■ 8

## 20 millionynjy elektroulagyny öndürdi



Hytaýda 20 millionynjy elektroulagyň öndürilendigi mälim edildi. Ýurtda ilkinji 20 ýylyň dowamynda elektrik energiýasy bilen işleýän 10 million ulag öndürilen bolsa, soňky 2 ýylda ýene şonçarak elektroulag öndürilip, 20 million sepgidine ýetilipdir. «GAC Aion» atly kompaniýanyň Guançžou şäherindäki zawodynda öndürilen 20 millionynjy ulag dabaraly ýagdaýda konweýerden düşürildi. Ýurduň Senagat we maglumat tehnologiýalary ministriniň orunbasary Szin Gubin bu mynasybetli geçirilen dabarada eden çykyşynda täze energiýaly ulaglaryň global awtoulag senagatynyň öwrülişigi we gowulandyrylmagy üçin esasy ugurdygyny belledi.

Ýurduň awtoulag öndürijileri bileleşiginiň baş sekretary Fu Binfen täze energiýaly (elektrik, wodorod ýaly arassa energiýa çeşmeleri bilen işleýän ulaglar şeýle atlandyrylýar) ulag pudagynyň uly göwrümli, globallaşan we ýokary hilli ösüşinde uly ösüş gazanylandygyny aýtdy. Fu awtoulag senagatynyň Hytaýyň häzirki zaman senagat ulgamynyň esasy bölegine öwrülendigini belledi. Ýurtda ilkinji elektroulag 1995-nji ýylda öndürilipdir.

## Sagat eksporty artdy



Şweýsar sagatlary irki döwürlerden bäri takyklygy we uzak wagt ulanyp bolýandygy bilen meşhurdyr. Ýurtda onlarça ýyldan bäri sagat önümçiligi uly girdeji getirýär. Ýurduň Sagat senagaty federasiýasy bu harydyň eksportynyň artýandygyny mälim etdi. Şu ýylyň maý aýynda ýurduň sagat eksporty geçen ýylyň degişli döwründäkiden 14 göterim ýokary bolup, 2,34 milliard şweýsar frankyna (2,61 milliard dollar) ýetipdir. Şweýsar sagatlarynyň iň uly bazarlary ABŞ, Angliýa, Gonkong we Ýewropa ýurtlary hasaplanýar. Degişli döwürde ABŞ-da eksport 10 göterim artan bolsa, Gonkong, Angliýa we Ýewropa ýurtlaryna eksportda hem ösüş hasaba alnypdyr.

## Dünýäniň iň kiçi torbasy 63 müň dollara satyldy



Duz bölejiginden hem kiçi bolan, gözüň örän ýiti bolaýmasa, görüp hem bolmaýan ýantorba 63 müň dollara satyldy. Ýantorba örän kiçi bolansoň, ýany bilen ulaldyp görkezýän sanly ekran bilen mikroskop hem berilýär. Onlaýn söwdany «Joopiter» atly auksion öýi gurady. Sarymtyl ýaşyl reňkli zenan ýantorbasy fransuz lýuks moda brendi «Louis Vuitton»-yň «OntheGo» atly modeline meňzedilipdir. Şepbigiň fotopolimerizasiýa bilen işlenmegi netijesinde döredilen torba iňňäniň gözünden geçip biljek derejede kiçidir.

# ÖZARA BÄHBITLI, KÖPUGURLY HYZMATDAŞLYK GIŇELDILÝÄR

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hyzmatdaşlygyň bu görnüşi Türkmenistan–Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy boýunça gatnaşyklaryň beýleki möhüm ugurlarynda hem ulanylyp bilner we hyzmatdaşlyga yzygiderlilik häsiýetini berer diýip hasap edýärin. Şeýle-de, ol medeni-ynsanperwer, ylym-bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda-da ulanylyp bilner diýip pikir edýärin.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, ýurdumyzyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen gatnaşyklaryna strategik nukdaýnazardan seredýäris. Şeýle çemeleşme asyrlara uzap gidýän ruhy we medeni gatnaşyklarymyza esaslanýar. Bu gatnaşyklar biziň halklarymyzyňdyr döwletlerimiziň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkidýär diýip belledi. Munuň özi ýurdumyz bilen Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň dürli düzümleriň we esasy halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde uzak möhletli hyzmatdaşlyk etmegi üçin goşmaça şertleri we mümkinçilikleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz çykyşynyň ahyrynda Türkmenistanyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen giňden hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny belläp, özara düşünişmegiň, hormat goýmagyň, ynanyşmagyň ýetilen derejesine ýokary baha berdi. Biziň ýurdumyz hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini we özara bähbitlerini, onuň halklarymyzyňdyr döwletlerimiziň düýpli bähbitlerine laýyk gelýändigini aýdyň görýär diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we mundan beýläk-de bilelikdäki netijeli işleri durmuşa geçirmäge taýýardygyny tassyklady.

Hindistanyň Premýer-ministri çuň many-mazmunly çykyşy üçin hormatly Prezidentimize hoşallygyny beýan edip, ŞHG-niň çäklerinde giň ugurlar boýunça Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmäge ýardam etjekdigine ynam bildirdi.

Sebit we halkara meseleleriň möhüm ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň barşynda mejlise gatnaşyjylar guramanyň ýurtlarynyň arasynda döwlet özygtyýarlylygyna, milli gymmatlyklara hem-de birek-biregiň bähbitlerine hormat goýmak esasynda bilelikdäki hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmagyň ähmiýeti baradaky pikiri biragyzdan beýan etdiler. Şunuň bilen birlikde, syýasatda, ykdysadyýetde, medeni-ynsanperwer, beýleki ugurlarda netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Sammitiň jemleri boýunça Nýu-Deli Jarnamasy we beýleki birnäçe resminamalar kabul edildi.

# GURLUŞYGYŇ WE SENAGATYŇ BEÝIK NUSGASY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şäheriň taslamalaryny taýýarlamak işlerine talyplaryň işjeň çekilendigini hem bellemeli. Olar täze görnüşdäki şäheriň gurluşygyna mynasyp goşant goşdular. Munuň özi dünýäniň öňdebaryjy tejribesini işjeň ulanmak arkaly Türkmenistanyň ylmy-tehnologik we intellektual mümkinçiliklerine esaslanýan sanly ulgama geçmegiň milli usulynyň işlenip taýýarlanýandygynyň nobatdaky beýanydyr.





Şäherde häzirki zaman wideogözegçilik ulgamy, gaz, suw we energiýa üpjünçiligi, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň döwrebap serişdeleri hereket edýär. Bu bolsa gulluklaryň işine gözegçilik etmäge we hojalygy döwrebap derejede dolandyrmaga, bilim, saglygy goraýyş, beýleki möhüm pudaklarda öňdebaryjy sanly çözgütleri peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Şäheriň ekologiýa ýagdaýyna uly üns berildi. Şeýlelikde, daşky gurşawa zyýanly galyndylary we zyňyndylary azaltmaga, geljegiň ulagy hasaplanýan elektromobilleriň hem-de elektrobuslaryň ulanylmagyna hemmetaraplaýyn ähmiýet berilýär.

Çykyşlarda nygtalyşy ýaly, häzirki döwürde dünýäde «smart-siti» konsepsiýasy esasynda bina edilen tutuş şäheri ulanmaga bermäge ukyply ýurtlar köp däldir. Täze şäheriň abraýly halkara düzümleriň we guramalaryň güwänamalarynyň 20-den gowragyna mynasyp bolmagy onuň häzirki zaman şäher gurluşygynyň dünýä derejeli «merjenleriniň» biri hökmünde ykrar edilendigini görkezýär. Munuň özi şäheriň ösüşine innowasion çemeleşmeleriň we döwletimiziň halkymyzyň bagtyýar, abadan durmuşynyň üpjün edilmegine bolan jogapkärçilikli garaýşynyň aýdyň netijesidir.

Özüniň owadanlygy we binagärlik-şähergurluşyk babatda gaýtalanmajak keşbi bilen dünýä jemgyýetçiligini özüne çeken täze «smart-sitiniň» açylan ilkinji günlerinden halkara duşuşyklaryň, sport we medeni çäreleriň geçirilýän merkezine öwrülendigini bellemek gerek. Hormatly Prezidentimiziň ýakynda gol çeken Kararyna laýyklykda, Arkadag şäheriniň mümkinçiliklerini giňden wagyz etmek maksady bilen, 2024-nji ýylyň iýun aýynda bu ýerde Medeniýet hepdeligi geçiriler. Her ýylda geçirilýän giň möçberli medeni çäre türkmen halkynyň köpasyrlyk medeni däplerini giňden wagyz etmäge gönükdirilendir. Umumy pikire görä, Merkezi Aziýada ýeke-täk «akylly» şäheriň açylmagy, onuň durmuş düzümine täzeçil, sanly tehnologiýalaryň giňden ornaşdyrylmagy aýratyn möhüm taryhy ähmiýeti bolan waka hökmünde mähriban Watanymyzyň ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazylar.

Forumda çykyş eden daşary ýurtly myhmanlar ajaýyp binagärlik çözgüdi bolan kaşaň binalaryň, täze şäheriň desgalarynyň bu ýeriň tebigy aýratynlygy bilen sazlaşygy emele getirip, döredijiligiň we ösüşiň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan Türkmenistanyň sazlaşykly ösüşiniň döwrebap mümkinçiliklerini özünde jemleýändigini bellediler.

# ARKADAG ŞÄHERINIŇ AÇYLYŞ DABARASYNA MYNASYP SOWGAT

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Kitabyň bölümlerinde ajaýyp şäheriň özboluşly aýratynlyklary, tebigy gözelligiň we döwrebaplygyň sazlaşygy çeper beýan edilýär hem-de ýurdumyzyň şeýle ägirt uly taslamalary durmuşa geçirmäge ukyplydygy şöhlelendirilýär. Täze kitabyň tanyşdyryş dabaralary ýurdumyzda guramaçylykly geçirilýär. Dabara gatnaşyjylar «geljegiň şäheri» bolan Arkadag şäheriniň açylmagyna bagyşlanan täze neşirde döwrebap şäheriň birinji tapgyrynda ýerine ýetirilen işler baradaky maglumatlaryň täze binalaryň we gurluşyk işleriniň özboluşly aýratynlyklary barada



gürrüň berýän fotosuratlar bilen utgaşdyrylmagynyň aýratyn özüne çekiji bolandygyny belleýärler. Bu kitap ähli raýatlarymyz üçin gymmatly maglumat çeşmesi bolsa, daşary ýurt okyjylaryny Arkadagly Serdarymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda sanly innowasiýalara esaslanyp alnyp barylýan ägirt uly şähergurluşyk işleri bilen tanyşdyrmak üçin ajaýyp mümkinçilikdir.

Şeýle hem Arkadag şäherini durmuşyň ähli ugurlarynda ýokary tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagyndan ugur alýan ýurdumyzyň ykdysady, ylmy we tehnologik ösüşiniň subutnamasy hökmünde altyn harplar bilen Türkmenistanyň häzirki taryhynyň ýyl ýazgylaryna giren «geljegiň şäheri» diýip belleýärler.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ GYMMAT 10 KOMPANIÝASY

ABŞ-nyň «Apple» kompaniýasynyň bazar nyrhy geçen ýylyň ýanwar aýyndan bäri gaýtadan üç trillion dollar sepgidinden geçdi. Şu ýylyň başyndan bäri paýnamalarynyň bahasy 50 göterimden gowrak gymmatlan bu kompaniýanyň her bir paýnamasy 192,15 dollara ýetdi. Şeýlelikde, dünýäniň iň gymmat kompaniýasy bolmagyny dowam etdirýän «Apple»-iň bazar nyrhy 3,05 trillion dollar boldy.

Kompaniýanyň bazar nyrhy ilkinji gezek 2018-nji ýylyň 2-nji awgustynda 1 trillion dollara ýetipdi. 2020-nji ýylyň 19-njy awgustynda bolsa, amerikan brendiniň bazar nyrhy 2 trillion dollarlyk sepgitden aşypdy. Geçen ýylyň ýanwarynda bolsa, kompaniýanyň bazar nyrhy gysga wagtlyk 3 trillion dollardan geçipdi. Bilermenler «Apple»-iň ikinji çärýekde garaşylandan has köp «iPhone» satmagy we iýun aýynda «Vision Pro» hyýaly hakykat äýnegini tanyşdyrmagy bilen girdejisini artdyrandygyny belleýärler.



«Reuters» agentligi bolsa dünýäniň iň gymmat brendleriniň täze sanawyny taýýarlady. Sanawda dünýäniň iň gymmat kompaniýasy derejesine, takmynan, 3 trillion 50 milliard dollar bahasy bolan «Apple» kompaniýasy eýe boldy. Ikinji orny 2 trillion 532 milliard dollar bahasy bilen «Microsoft» eýelän bolsa, üçünji orny Saud Arabystanynyň «Aramco» nebit kompaniýasy eýeledi.

Bütin dünýäde bahasy 1 trillion dollardan geçýän alty kompaniýa bar. Olaryň bäşisi amerikan kompaniýalarydyr. Ilkinji onluga giren kompaniýalardan «Aramco» we TSMC-den başga ählisi ABŞ-nyň kompaniýalarydyr. Ýokarda agzalan kompaniýalardan başga-da, ilkinji onlukda «Alphabet» (1 trillion 527 milliard dollar), «Amazon» (1 trillion 337 milliard dollar), NVIDIA (1 trillion 44 milliard dollar), «Berkshire Hathaway» (829 milliard dollar), «Meta» (745 milliard dollar), «Tesla» (735 milliard dollar) we TSMC (486 milliard dollar) kompaniýalary bar.

## Kosmosyň çuňluklaryna aralaşar



Ýewropanyň Kosmos Agentligi (ESA) tarapyndan işlenip taýýarlanan «Euclid» teleskopy «SpaceX» göteriji raketasy bilen uçuryldy. Kosmos teleskopy kosmosyň uly bölegini eýeleýändigi çaklanylýan, emma entek doly anyklanmadyk «garaňky» maddany we «garaňky» energiýany öwrener. ABŞ-nyň Florida ştatyndaky kosmodromdan uçurylan bu enjam kosmos giňişligindäki orbitasyna ýerleşdi. Teleskop kosmosy emele getirýän mälim bolmadyk iki himiki bileşmäni öwrener.

Ýewropa Kosmos Agentliginiň astronomlary bize görünýän ýyldyzlaryň we galaktikalaryň kosmosyň ähli maddasynyň we energiýasynyň 5 göteriminden azyny emele getirýändigine ünsi çekip, bu görünýän gatlagyň aşagynda kölegeli bölejiklerden we nämälim energiýa meýdanlaryndan emele gelen bölegiň bolup biljekdigini belleýärler. «Euclid» teleskopy kosmos giňişliginiň üç ölçegli kartasyny döretmekde hem peýdalanylar.

«Euclid»-iň Ýerdäki bekede iberjek maglumatlarynyň dünýäniň 300-den gowrak institutlarynyň 2 müňden gowrak alymy tarapyndan seljeriljekdigi bellenildi.

ESA-nyň Germaniýadaky merkezi teleskopyň raketadan aýrylandan soň Awstraliýadaky Nýu-Norsia bekedi arkaly signal alnandygyny tassyklady.

Enjamyň uzynlygy we ini 5 metre barabar bolup, diametri 1,2 metr bolan teleskop bilen üpjün edilen.

**Jumagül WALIÝEWA,**
*«Türkmendeňizderýaýollary» agentliginiň Deňizçilik orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

## Iň uzyn asma köpri



Germaniýanyň Willingen kommunasynda ýurduň iň uzyn asma köprüsi açyldy. Bu desga şol bir wagtyň özünde tibet usulynda gurlan dünýäniň iň uzyn asma köprüsi hem hasaplanýar. «Skywalk Willingen» atly köpriniň agramynyň 120 tonnadygy mälim edildi. Polatdan gurlan köprüden geçmek tölegli bolup, ulular 12 dollar, çagalar 9 dollar töleýärler. Köpriniň meýilnamalaşdyrylmagynyň we gurulmagynyň alty ýyla çekendigi mälim edildi. Gyşky sport oýunlarynyň geçirilýän ýerinde iki depäniň arasynda gurlan köpriniň uzynlygy 665 metre barabar. Köpriniň ýerden iň beýik ýeri 100 metre golaý. Ini bary-ýogy 1,45 metr bolan köpriniň üstüne bir wagtda 750 adam münüp bilýär. Köpri tibet usulynda gurlanda iki gapdalynda uzyn sütünleri ýa-da söýgetleri bolmazdan, jülgäniň üstünde öz agramyna durýar. Şeýle hem ol tanap bilen çekdirilip goýulmaýar. Bu köprüden geçýänler dag eteginiň gözelliklerini, gür tokaýlygy görmäge mümkinçilik alýarlar. Köpri gurlanda ulanylan gidrawlik silindrler has güýçli ýel bolanda, onuň hallan atmagynyň öňüni alýar.

Çeh Respublikasyndaky «Sky Bridge 721» (uzynlygy 721 metr bolansoň, şeýle atlandyrylýar) hem-de Kanadanyň Britan Kolumbiýasy ştatynda ýerleşýän 130 metrlik «Golden Skybridge» köprüleri dünýäniň meşhur asma köprüleri hasaplanýar.

## Robot orkestre dirižýorlyk etdi

Koreýa Respublikasynda işlenip düzülen adamsypat «EveR 6» atly robot ýurduň milli orkestrine dirižýorlyk etdi. Robot ýurduň ussat sazandalaryndan düzülen Koreý Milli teatrynyň sahnasynda orkestriň kürsüsine geçdi. Koreý senagat tehnologiýalary institutynyň hünärmenleri tarapyndan taýýarlanan robotyň adamyňka meňzeş ýüzi bar. Robot çykyşdan ozal tomaşaçylaryň öňünde hormat bilen baş egmegi hem unutmady. Soňra bolsa, konsertiň heňini sazlamak üçin gollaryny hereket etdirip başlady.



Adamsypat robot Seulda geçirilen konsertdäki bäş sazyň üçüsini alyp bardy. Bir sazy bolsa dirižýor Çoi Soo-Ýeul bilen bilelikde alyp bardy. Dirižýor Çoi robotyň hereketleriniň örän jikme-jikdigini aýdyp, oňa ýokary baha berdi. Dirižýoryň sözlerine görä, robotyň ýeke-täk kemçiligi onuň ýolbaşçylyk edýän orkestriniň çalýan sazyny diňläp bilmeýändigidir.

## Sürüjisiz taksi hyzmatyny ýola goýar

Hytaýyň «WeRide» kompaniýasy Birleşen Arap Emirliklerinde sürüjisiz taksi hyzmatyny ýola goýmak üçin ygtyýarnama aldy. Bu ygtyýarnama özbaşdak hereket edýän ulaglary ýurduň herekete açyk ýollarynda synagdan geçirmäge rugsat berýär. Ýurtda 2030-njy ýyla çenli ýolagçy gatnawynyň 25 göteriminiň sürüjisiz ulaglar bilen amala aşyrylmagy maksat edinilýär. Bu rugsatnamanyň hem şol maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde berlendigi mälim edildi. Şeýle hem ýurtda ulaglaryň arassa energiýa çeşmeleri bilen hereket etmeginiň ýola goýulmagy hem maksat edinilýär. Berlen ygtyýarnama şol maksada ýetmäge hem ýardam eder. Ýurtda elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň



sanynyň artdyrylmagy hem-de şol ulaglara zarýad berýän beketleriň ýaýrawynyň giňeldilmegi göz öňünde tutulýar. «WeRide» kompaniýasynyň ABŞ-da hem-de Hytaýda sürüjisiz ulaglary synagdan geçirmek üçin ygtyýarnamasy bar.

Mundan ozal, ýurduň iň meşhur şäheri bolan Dubaýyň ýollarynda dünýä belli kompaniýalaryň sürüjisiz ulaglary synagdan geçirildi. Şeýle hem bu şäherde uçýan taksiler synagdan geçirilýär. 2019-njy ýylda Dubaýyň Gara ýollary edarasy Bütindünýä sürüjisiz gatnaw maslahatyny geçiripdi.

Şeýle hem Dubaý şäherinde «Cruise» kompaniýasy sürüjisiz taksileri synagdan geçirmek we işläp taýýarlamak üçin maýa goýum goýdy. Häzire çenli şäheriň kartasy çykarylyp, şu ýyl kompaniýanyň sürüjisiz ulaglarynyň hyzmata hödürlenmegine garaşylýar.

ZAMAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 7-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111993

Belgisi: 27/1541
Tiražy: 7900
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Edep-terbiýe ynsan durmuşynyň bezegidir

Terbiýe jemgyýetçilik aňy hökmünde adamzat döräli bäri ykrar edilip gelinýär. Ol adamy ynsanlyk derejesine göterýän, ony jemgyýetiň öňünde gözelleşdirýän, onuň üstüne borç we jogapkärçilik ýaly ahlak sypatlary ýükleýän hadysadyr.

Her bir jemgyýetçilik-ykdysady basgançagyň özüne mahsus, onuň ahlak gatnaşyklaryndan gelip çykýan terbiýesi, terbiýeçilik ýörelgesi bolýar. Şol ýörelge adamy onuň ýaşaýan döwrüniň, zamanasynyň durmuş sahnasyna çykarýar. Jemgyýet bolsa oňa, onuň özüni alyp barşyna, edýän hereketlerine, görüm-göreldesine, edim-gylygyna, hüý-häsiýetine görä baha berýär.

Terbiýe jemgyýetiň, şol ýa-da beýleki bir jemgyýetde ýaşaýan adamyň ýaşaýyş-durmuş, medeni-ynsanperwer we intellektual derejesinden gelip çykýar, şol bir wagtyň özünde onuň ahlak keşbini görkezýär.

Adamzat kowmunyň döremegi bilen terbiýe döräpdir, ösüpdir, özgeripdir, kemala gelipdir. Netijede, adamzat jemgyýetiň ykrar edýän taraplaryny, bildirýän talaplaryny, terbiýeçilik ýörelgelerini kabul edipdir, şolar boýunça ýaşapdyr. Jemgyýetiň kabul etmedik, emele gelmejegine aňryýany bilen düşünen pederlerimiz bu paýhasdan ugur alyp, çagalarynyň terbiýesiniň aladasy bilen ýaşapdyrlar.

Çaga terbiýesinde ownuk zadyň ýokdugyny, onuň terbiýesiniň juda ir başlanýandygyny, şeýle hem ähli zatdan möhümdigini nygtaýan halkymyzda ýörgünli bolan bir rowaýat hem bar:

Günlerde bir gün bir gelin üç aýlyk çagasy bilen bir pähimdaryň huzuryna gelip:

– Atam, men oglumyň gerçek, goç ýigit bolup ýetişmegini isleýän, terbiýäni nämeden we haçan başlajagymy bilemok, maňa maslahat beräýseňiz – diýip sorapdyr. Şonda pähimdar gelne ýüzlenip:

– Çagaňyzyň dünýä inenine näçe wagt boldy? – diýip soraýar. Gelin:

– Üç aý boldy, atam – diýip jogap berýär. Pähimdar:

– Şonça wagtlap siz bu hakda aladalanmadyňyzmy? – diýipdir hem-de gelniň berjek jogabyna-da garaşman sözüni dowam edipdir:

– Gyzym, sen çagaňa terbiýe bermekden üç aý gijä galypsyň – diýip, gynanç bilen sözüni soňlapdyr.

«Terbiýe ojakdan başlanýar» diýen pähim, gadym zamanlardan biziň günlerimize gelip ýetipdir. Her bir maşgalaýar. Özüniň oňat, ýagşy hereketlerini gyzyna geçirýär. Oňa gyz maşgalanyň özüni alyp barmak endiklerini yzygiderli ýatladyp durýar, gyz maşgalanyň ýaş aýratynlygyna laýyklykda oňa dürli zähmet endiklerini öwredýär. Şeýlelikde, gyz çaga enesine meňzejek bolýar, ondan görelde almaga çalyşýar. Bu babatda ilçilikde «Ejesini görde gyzyny al, gyrasyny görde bizini» diýen pähim hem bar.

Gorkut atanyň il-güne beren pent-nesihatlary, öwüt-ündewleri şu güne çenli hem öz terbiýeçilik ähmiýetini ýitirmän gelýär. Biz Gorkut atanyň watansöýüjilik ruhuny özümize baýdak edinsek, onuň ündeýän sypatlaryna, hereketlerine eýersek gadymdan gelýän terbiýe zynjyry üzülmez.

Biz terbiýeçilik işlerimizde hökmany suratda «Görogly» eposyna hem ýüzlenmelidiris. Sebäbi bu eserde Oguz-Gorkut terbiýeçilik zynjyry has hem bekeýär, täze döwrüň ruhuna has golaýlaşýar. Bu eser türkmen kowmunyň iň söýgüli eseridir. Eposda Jygaly beg-Görogly gatnaşyklarynda ýüze çykýan terbiýeçilik pursatlary hem ýaşuly nesliň nesil terbiýesi hakynda näderejede alada etmelidigini açyp görkezýär. Bu







inkär edýän ýörelgelerini, kada-kanunlaryny bolsa ýazgarypdyr. Köpçüligiň, ýagny halkyň aglaba böleginiň ahlak garaýyşlary, gatnaşyklary, terbiýeçilik ýörelgeleri hemmeler üçin hökmany bolmagynda galypdyr.

Her bir döwrüň, her bir zamananyň hemmeler üçin hökmany bolan ahlak gymmatlyklary, düşünjeleri, kada-kanunlary bolýar. Mysal üçin, türkmenler oňa «türkmençilik ýörelgeleri» diýip at berýärler. Her bir hereket şoňa laýyklyklykda amala aşyrylýar. Oňa gabat gelmedik her bir ýagdaý, hereket bolsa uly il bolup ýazgarylma sezewar edilýär. Bu gatnaşyklar her bir döwürde, zamanada ynsanyýetiň aňynda kemala gelen dünýägaraýyşdan gelip çykýar.

Türkmençilik ýörelgeleri jemgyýetçilik-ykdysady basgançaklaryň çalyşmagy, biriniň beýlekisine geçmegi bilen özgeripdir, adamzada, milli ruha gabat gelýän ýörelgeler saklanyp galypdyr, durmuşdan yza galýanlaryndan bolsa ýüz dönderilipdir.

Häzirki döwürde terbiýe möhüm ähmiýete eýe bolup durýar. Çünki terbiýe jemgyýetiň arassalygyny, sazlaşygyny, jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesliň ahlak keşbini, aň derejesini nazarlaýar.

Türkmen halky hemişe öz ösüp gelýän ýaş nesli hakynda alada edip gelipdir. Ýaş nesil hakynda edilýän aladalar halk döredijiliginde, nusgawy edebiýatymyzyň wekilleriniň ölmez-ýitmez eserlerinde hemişe öz beýanyny tapypdyr.

«Çaga eziz, edebi ondan hem eziz» diýen halkymyz çaganyň ruhy tarapyny, ýagny terbiýesini onuň maddy tarapyndan ýokarda goýup bilipdir. Çünki ýugrulmadyk hamyrdan gowy çöregiň da bolup geçýän wakalar bütin ýurtda bolup geçýän wakalaryň ýa-ha başlanýan ýeri, ýa-da tamamlanýan ýeri hökmünde häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin terbiýe meselesinde ownuk zat ýokdur.

Maşgalada onuň her bir agzasynyň geljekki uzak we çarkandakly ýoly - durmuş ýoly başlanýar. Şonuň üçin ýola düşmezden öň, onuň her bir menzili göz öňüne getirilmelidir.

Çaganyň ähli mümkinçilikleri, ukyp-başarnyklary maşgalada ýaşaýan döwürlerinde ýüze çykyp ugraýar. Ene-ata öz çagasynyň hüý-häsiýetine belet bolan ilkinji adamlar bolmagynda galýarlar. Olar öz çagalarynyň her bir herekedine, edim-gylymyna jogap berýärler. Başy başlanan her bir ýagşy hereketler öz wagtynda görülmelidir hem-de olar höweslendirilmelidir.

Gyz çaga enesine, oglan çaga bolsa atasyna golaý bolýar. Çaganyň ýaş aýratynlygyndan ugur alýan her bir ene-ata onuň höweslerini, gyzyklanmalaryny, ukyp-başarnyklaryny açmakda ilkinji terbiýeçi, mugallym hökmünde garalýar. Bu ýerde mugallym sözi ugrukdyryjy, gönükdiriji, açyjy manylarynda aňladylýar.

Ata öz oňat sypatlary, ahlak keşbi, hünär başarnyklary, maşgaladaky we durmuşdaky abraýy bilen öz çagasyna görelde bolup bilse, onda şol maşgaladaky çaga oňat ýola düşýär, terbiýeli çaga bolup ýetişýär. Çünki terbiýäniň görelde usuly nesil terbiýesinde naýbaşy usullaryň biri hökmünde ylmy pedagogikada hem ykrar edilýär. Muny köp sanly ylmy-barlag we tejribe işleri hem subut etdi.

Ene çagasyny terbiýelände zenan ahlagy, terbiýesi hakynda alada edýerde watançylyk terbiýesi hem, ahlak terbiýesi hem, zähmet terbiýesi hem ör boýuna galýar. Şonuň üçin bu eser biziň her birimiziň terbiýeçilik işlerimizde ýolgörkeziji eser bolmalydyr.

Nusgawy edebiýat hem öz gezeginde halk döredijilik eserlerinden nesil terbiýesi babatda geregiçe susup alýar, olary döwrüň ruhuna, talaplaryna görä özgerdýär we ýene-de halka gaýtaryp berýär.

Döwletmämmet Azady nesil terbiýesinde ata-enäniň çaganyň öňündäki, çaganyň ata-enäniň öňündäki borç-wezipelerini aýdyňlaşdyrýan, Gündogary öwreniji alym, akademik A.N.Samoýlowiçiň belleýşi ýaly, «öz döwrüniň alym adamy» bolupdyr. Onuň esasy käri oglan okatmak bolup, halk bilen ýakyn aragatnaşykda bolupdyr, degerli maslahatlary beripdir. Umuman, Döwletmämmet Azadynyň terbiýeçilik mekdebi, häzirki döwürde-de öz ähmiýetini ýitirmeýär. Çünki onuň wesýetleri türkmen kowmuna, onuň nesil daragtynyň ähli wekillerine gönükdirilendir.

Nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleri bolan Magtymguly Pyragynyň, Seýitnazar Seýdiniň, Gurbandurdy Zeliliniň, Mämmetweli Keminäniň, Annagylyç Mätäjiniň, Mollanepesiň eserleri nesil terbiýesi meselesinde bize ýol görkeziji bolmagynda galýar. Şonuň üçin terbiýe meselesinde olarda bar bolan öwüt-ündewleri, pähimleri, pentleri öz gündelik işlerimizde ýerlikli peýdalanmaga çalyşýarys.

**Oguljeren TAGANDURDYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*



# Arkadag şäheriniň medeni ojaklary

Golaýda Köpetdagyň etegindäki gözel künjekleriň birinde ýerleşýän, dünýäniň şähergurluşyk we inžener-tehniki ösüşiniň iň täze nusgalaryny özünde jemleýän Arkadag şäheriniň açylyş dabarasy boldy.

Täze şäheriň keşbinde milli binagärligiň iň gowy däpleri binagärlik we bezeg babatda häzirki zaman meýilleri bilen sazlaşykly utgaşýar. Şeýle hem halkara ölçeglerine, şol sanda tebigaty goramak ulgamyndaky ölçeglere laýyk gelýän toplumlaýyn infrastrukturanyň döredilmegi şäher ýaşaýjylary üçin oňaýly ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün edýär.

Täze şäherde Döwletmämmet Azady adyndaky kitaphana, Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýi, Sahy Jepbarow adyndaky ýörite sungat mekdebi, Şükür bagşy adyndaky çagalar sungat mekdebi, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki, Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatry we medeniýet toplumy ýaly birnäçe medeniýet ojaklary gurlup ulanmaga berildi.

Döwletmämmet Azady adyndaky kitaphana bir wagtyň özünde 600 okyjyny kabul etmäge hem-de 3 million neşiri saklamaga niýetlenendir. Kitaphana innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilip, onda elektron katalog ulgamy hereket edýär. Bu ýerde obserwatoriýa bolup, onda ýerleşdirilen kämil teleskop arkaly asman jisimlerini synlamak mümkinçiligi döredilipdir.

Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde taryh we arheologiýa, tebigat, ekologiýa syýasaty, şekillendiriş sungaty, etnografiýa sergi zallary we beýlekiler ýerleşýär. Şeýle hem muzeýde ugurdaş edaralaryň birnäçesi, şol sanda medeni-aň bilim, ylmy-barlag, çeperçilik-dikeldiş we mahabatlandyryş bölümleri hereket edýär.

Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirki hem täze şäheriň ajaýyplyklarynyň biridir. Onuň nal şekilinde gurlan täsin binasy dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýörite enjamlar we tehnologiýalar bilen üpjün edilipdir. Sirkiň çykyşlary görkezmek üçin niýetlenen tegelek meýdançasynyň diametri 13 metre barabardyr, tomaşa zaly bolsa 1500 orunlykdyr. Sirkde bedewleri saklamak, olara ideg etmek, türgenleşikleri geçirmek, artistleriň netijeli işlemegi we tomaşaçylar üçin ähli şertler göz öňünde tutulypdyr.

Aman Gulmämmedow adyndaky döwlet drama teatrynyň tomaşaçylar zaly 500 orunlyk bolup, şäherde bina edilen beýleki desgalarda bolşy ýaly, teatryň daşky we içki bezeginde-de milli binagärligiň däp bolan ýörelgeleri, häzirki döwrüň binagärliginiň gazananlary sazlaşykly ulanylypdyr.



Bu ýerde netijeli döredijilik işi, sahna oýunlaryny goýmak we görkezmek üçin oňaýly mümkinçilikler döredilipdir.

Şeýle hem Arkadag şäherinde Sahy Jepbarow adyndaky ýörite sungat mekdebi we Şükür bagşy adyndaky çagalar sungat mekdebi ýerleşýär. Olaryň her biri 240 orunlyk bolup, dürli saz gurallarynda, şol sanda milli saz gurallarynda saz çalmagy öwrenmek, aýdym aýtmak, tans etmek, bagşyçylyk sungatyny özleşdirmek, sazyň taryhyny we nazaryýetini, dirižýorçylyk sungatyny ele almak üçin ähli şertler göz öňünde tutulypdyr. Bu ýerde ýaş türkmenistanlylar şekillendiriş, amaly-haşam, folklor, teatr, estrada sungatynyň we dizaýnyň esaslaryny özleşdirerler.

Bu ajaýyp täze şäherde 5 gatly medeniýet toplumynyň binasy hem bar. Onda şäher edaralarynyň birnäçesi ýerleşýär.

Binanyň birinji gatynda «Arkadag» teleýaýlymynyň edarasy ýerleşýär. Ikinji gatynda «Arkadag» gazetiniň redaksiýasy ýerleşýär. Üçünji, dördünji we bäşinji gatlarynda bolsa, Arkadag şäheriniň Bilim we Medeniýet müdirlikleri ýerleşýär. Binada ýerleşen edaralaryň ählisiniň işgärleri üçin netijeli işlemek babatda ähli zerur şertler, şol sanda ähli otaglar döwrebap tehniki serişdeler bilen üpjün edilipdir, sanly ulgam ornaşdyrylypdyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideriniň asylly başlangyçlarynyň hormatly Prezidentimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilmegi netijesinde, Arkadag şä-



heri adamlaryň durmuşy, zähmet çekmekleri, dynç almaklary üçin iň kämil we amatly, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän şäherleriň birine öwrüldi. Arkadag şäherinde medeni ojaklaryň gurulmagy milli medeniýetimizi ösdürmek hem-de dünýä ýaýmak ugrunda amala aşyrylýan işleriň nobatdaky subutnamasydyr. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, Köpetdagyň ajaýyp tebigy künjegindäki bu giňişligiň oýlanyşykly we döwrebap derejede peýdalanylmagy täze şäheri mundan beýläk-de ösdürmegiň esasy ýörelgesidir. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň we peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun!

**Döwran ÖWEZOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

# Gün urmanyň öňüni alyş çäreleri

Tomus paslynda howanyň aşa gyzmagy netijesinde Günüň ýiti şöhlesinden goranmagy ýatdan çykarmaly däl. Çünki ynsan saglygy üçin örän howply bolan Gün urma hadysasy ýüze çykyp bilýär. Munuň özi Günüň ýiti şöhlesiniň göni beýnä täsir etmeginiň netijesinde ýüze çykýar. Uly bolmadyk gan inmeler merkezi nerw ulgamynyň işine şikes ýetirip bilýär.

Gün urmanyň ilkinji alamatlary birnäçe sagatdan soň ýüze çykýar. Ilkibada umumy ysgynsyzlyk, kellagyry, başyň aýlanmagy, arkada we aýakda agyrylar, gulagyň şaňlamagy, gözüň garaňkyramagy ýaly alamatlar döreýär. Gün uran adamyny howa ýetmeýän ýaly duýgy gurşap alýar, ýüregi çalt urup başlaýar, güýçli teşnelik duýýar. Agyr ýagdaýlarda adamyň ýüzi gögerip, dem alşy peselýär we näsag huşuny ýitirýär. Nerw ulgamynyň zeperlenmegi netijesinde tutgaýlar, samrama, gözüňe zatlaryň görünmegi ýaly ýagdaýlar döräp bilýär. Bedeniň gyzgynlygy ýokarlanýar. Onuň yzysüre



näsagda dem alşyň we ýüregiň işiniň durmagy ýüze çykyp bilýär.

Gün şöhlesinden goranmak üçin kelläňi hökman başgap bilen ýa-da ýaglyk, tahýa bilen örtmelidir. Çagalara geýdirilýän egin-eşikler nah matadan hem-de açyk reňkde bolmalydyr. Günüň ýiti şöhlesinden goranmak üçin saýawandan hem peýdalanmak zerurdyr.

Gün şöhlesiniň ýiti täsirinden goranmak üçin çagalar we gartaşan ýa-da ýokary gan basyşy bar bolan adamlar irden sagat 06:00-dan 09:00-a çenli we agşam 18:00-dan soň daşaryk çykmalydyrlar şeýle hem hökman ýanlary bilen ýeterlik mukdarda arassa suw almalydyrlar. Tomus paslynda Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda giňişleýin ylmy taýdan beýan edilýän narpyzdan, ýandakdan, çopantelpekden demlenen melhem çaýlary içmegi endik edinmek saglygyňa örän peýdalydyr.

**Selbinyýaz BAÝRAMOWA,**
*Aşgabat şäheriniň 13-nji Saglyk öýüniň maşgala lukmany.*

# Magtymguly Pyragynyň öwüt-nesihat goşgulary

Magtymguly Pyragy ýiti zehini, akyl-paýhasy bilen dünýä ady dolan, taryhy geçmişimizi, häzirki bagtyýarlygymyzy, geljekki eşretlerimizi öňünden görüp, özüniň şygyrlary bilen ýürekleri nagyşlan umumadamzat şahyrydyr.

2024-nji ýylyň «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi öz eserlerinde parahatçylyk, dostluk, hoşniýetlilik ýörelgelerini wasp eden türkmen we dünýä edebiýatynyň nusgawy şahyryna bolan ýokary sylagyň hem-de onuň dürdäne şygryýetine goýulýan belent sarpanyň subutnamasydyr. Beýik şahyryň watançylyk, terbiýeçilik ähmiýetli goşgulary bilen birlikde, kämil garaýyşlary özünde jemleýän çuň manyly şygyrlary ynsan kalbynda öçmejek yz galdyrýar.

Magtymguly atamyzyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly bellemek hakyndaky kararyň çäklerinde geçirilýän çäreler, metbugatda we beýleki habar beriş serişdelerinde orta atylýan pikirler halkymyzyň, esasan–da, ýaş nesillerimiziň akyl–paýhasyny çuňlaşdyrmaga ýardam berýär.

Umman dek çuň mana öwrülen türkmen halkynyň beýik akyldary, şahyry, filosofy, başarjaň wesýetçi-terbiýeçisi Magtymgulynyň döredijiliginiň agramly bölegi nesillerden-nesillere ýetirilmek bilen, ynsanlaryň kalbyna ornaşyp, ýurdumyzyň gülläp ösmeginde, ýaş nesillerimiziň milli ruhda terbiýelenmeginde özboluşly ýolgörkeziji bolup çykyş edýär.

Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň ençemesi terbiýe mekdebi hökmünde atalar sözlerine öwrülip, halk döredijilik eserlerine siňip gidipdir. Meselem, şahyryň döredijiliginde Watana, tebigata bolan söýgi, agzybirlik, myhmansöýerlik, dost-doganlyk, beren sözüňde tapylmak, saglygyň gadyr-gymmaty, arassaçylyk barada şygyrlar köp. Bu barada ençeme mysallary getirmek bolar: «Ýagşy oguldan rehnet arygy akar», «Hergiz ýaman bilen bile bolmaňlar», «Watandan daş düşen istär mekanyn», «Ýamanyň zyýany iline ýeter», «Mert çykar myhmana güler ýüz bilen», «Akylly az gürlär, gorkar tilinden», «Akyl ýigit söz başlamaz «men» bilen», «Ýagşy ýigit ýol ýitirmez», «Ýagşy söze gulak salgyl», «Kitap okan gullar magnydan dokdur».

Ýagşy söz adamyň gözelligine, pähim-paýhasyna, ykbalyna göni täsir edýär. Şonuň üçin gowy sözlemek, hoşniýetli gürlemek endigini ynsanyň kalbyna ýaşlygyndan guýmaly, şol ruhda terbiýelemeli. «Ýagşy söz ýylany hininden çykarar» diýlişi ýaly, ol misli bir miweli agaçdyr.

Magtymgulynyň:

*Asla adamzada ajy söz urmaň...*

***

*Ajy sözler dilden çykan bir okdur...*

***

*Deň-duş bilmez, many aňmaz ýigitden,*
*Agylyňda yssy beren it ýagşy –*



diýip belleýşi ýaly, ýagşy söz adamkärçiligiň gözbaşydyr. Magtymguly adamyň juwanlyk möwritinde päk ahlakly häsiýetleriň özünde jemlenmegine uly üns beripdir. Ol ýigidiň işiniň şowly bolmagynda ynamlylyk, halallyk, mertlik, arassalyk, göreldelik, yhlaslylyk we wepadarlyk ýaly gowy gylyklaryň oňyn täsirini düşündirýär.

Ýaş nesli terbiýelemekde iň wajyp usullaryň biri hem şahsy göreldedir. Magtymguly ynsan perzendiniň ata-enesine nähili sarpa goýmalydygy barada nusga bolan şahyrdyr. Türkmenlerde gadymdan gelýän ýörelgä görä, çaga heniz aga-gara düşünip-düşünmänkä, ene-ata, il-ulsa, tebigata, Watana söýgi duýgusy bilen terbiýelenýär. Magtymguly atamyz öz döredijiliginde durmuşda özüňi alyp barmagyň kada-kanunlarynyň üstünde köp durupdyr.

*Owwal Magtymguly özüň düzetgil,*
*Özüňni sen özgelere göz etgil.*
*Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil,*
*Ne bar manysyz söz uzamak bilen.*

Akyldar şahyryň şygyrlarynda türkmen halkyna mahsus bolan beýik häsiýetler barada Gahryman Arkadagymyz: «Türkmen halky özüniň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragy tarapyndan wasp edilen mertebe, asyllylyk, watançylyk, zähmet we myhmansöýerlik, döredijilik, parahatçylyk we asudalyk ýörelgeleri, ata-babalarymyzyň gany bilen geçen ynsanperwerlik ýaly oňat häsiýetlerini saklap, olary asyrlardan-asyrlara aşyryp gelýär» diýip belleýär. Çünki Magtymguly Pyragy öz döredijiliginde halkyň durmuşyny, edebi mirasyny açyp görkezýär.

Türkmenleriň gadymdan gelýän baý däp-dessurlary bar. Şol däp-dessurlaryň biri hem myhmansöýerlik. Myhman güler ýüz bilen garşy alynsa, hoşal bolup gitjekdigi barada şahyr öz goşgularynda şeýle ýazypdyr:

*Mert çykar myhmana güler ýüz bile,*
*Namart özün gizlär, myhman ýoluksa.*

Akyldar şahyr agzybirligi öňe sürüpdir. Ulyny sylamak, hormat goýmak ýaly häsiýetlere adamkärçiligiň iň gowy taraplary hökmünde seredipdir.

Şahyryň many-mazmundan ýüki ýetik döredijiliginde durmuşyň dürli ugurlaryna, ähli taraplaryna degişli meseleler bilen birlikde türkmen zenanynyň çeper keşbine hem uly baha berilýär. Gyz-gelin sarpasy, türkmen gelin-gyzlaryna mahsus bolan asyllylyk, agraslyk, mylakatlylyk, alçaklyk ýaly gylyk-häsiýetler baradaky meseleler hem siňňitli yzarlanýar.

Şahyr «Duz hem bolmasa» şygrynda şeýle belleýär:

*Dünýä sözi meňzär duzsuz tagama*
*Söz içinde gelin-gyz hem bolmasa.*

Beýik söz ussady olaryň belent adamkärçilik mertebesini, akyl-huşuny, pähim-paýhasyny, uly sungat bolan el hünärlerini, bolçulyk çeşmesini eçilýän zähmetlerini hem wasp edipdir.

Akyldar şahyryň şygyrlarynda türkmen gelin-gyzlarynyň milli egin-eşikleri, şaý-sepleri, zenanlaryň el hünärleri, türkmen halkyna mahsus bolan milli däp-dessurlary söz arkaly çeper beýan edilýär. Bu bolsa türkmen halkynyň medeni gymmatlyklaryny öwrenmeklige, olaryň milli däplerine düşünmeklige esas berýär. Şonuň üçin şahyryň döredijiligi türkmen halkynyň gadymdan gelýän däp-dessurlaryny öwrenmekde uly gollanma bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň merkezi ylmy kitaphanasynyň türkmen edebiýaty we seýrek neşirler bölüminde dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň eserleri we golýazmalary saklanylýar. Özüniň dürdäne setirlerinden doly şygyrlary bilen dünýäni haýrana galdyran Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň dabaraly bellenilmegine garaşylýan günlerde şahyryň edep-terbiýe, öwüt-ündew berýän goşgulary ösüp gelýän neslimiz üçin terbiýe mekdebidir.

**Nartäç ABDYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň esasy kitaphanaçysy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



**Sanawyň başyny çekdi.** Şakira 2023-nji ýylda Latyn Amerikasynyň iň owadan ýyldyzy hökmünde ykrar edildi. Aýdymçy kyrk dokuz meşhur gözel zenandan öňe saýlandy. Şeýlelikde, kolumbiýaly aýdymçy Şakira Latyn Amerikasynyň täzelenen «Iň owadan 50 tanymal» sanawynda birinji orny eýeledi.



**ABŞ ÝUNESKO dolanýar.** Golaýda ÝUNESKO-ny düzýän 193 ýurduň wekilleri ABŞ-nyň gurama gaýdyp gelmegi barada ses berdiler. 2011-nji ýylda ABŞ guramany maliýeleşdirmegi bes edip, 2017-nji ýylda, ÝUNESKO-dan gitmek kararyna gelipdi. Bäş ýyldan soň Jozef Baýdeniň administrasiýasy agzalygy dikeltmek üçin ýüz tutdy.



**Ýitirilen şäher tapyldy.** Meksikadaky Ýukatan ýarym adasynyň tropik tokaýlyklaryndan arheologlar maýalaryň ýitirilen şäherini tapdylar. Tapylan şäher Okomutun diýlip atlandyrylyp, bu ýerde ýaşaýan ýerli taýpanyň dilinden terjime edilende «daş sütün» diýmegi aňladýar. Şäherde ýaşaýyş toplumlary göze ilýär.



**Üçünji uly geoseýilgäh.** Eýranyň Araz sebiti ählumumy geoseýilgäh derejesine eýe boldy. Ajaýyp tebigaty we baý haýwanat dünýäsi bilen tapawutlanýan bu künjek 1,5 müň inedördül kilometre uzaýar. Ýerli ýaşaýjylar seýilgähe şeýle derejäniň berilmeginiň jahankeşdeleriň köp gelmegine sebäp boljakdygyna umyt edýärler.



**Şokoladdan sygyr ýasadylar.** Çilide konditerleriň we heýkeltaraşlaryň bilelikde taýýarlan özboluşly 350 kilogram agramly şokolad sygrynyň heýkeli görkezildi. Şokolad heýkelini ýasamagyň üstünde 20 sagatdan gowrak işlenildi. Heýkeliň beýikligi, takmynan, 180 santimetr, ini 2,5 metr.



**Gadymy gaýyk tapyldy.** Horwatiýanyň kenaryndan gadymy gaýyk ýüze çykaryldy. Bu häzire çenli Ortaýer deňziniň kenaryndan tapylan iň gadymy gaýykdyr. Gaýyga tapylan aýlagynyň hormatyna «Zambratiýa» diýip at berdiler. Onuň miladydan öň XII-X asyrlarda ýasalandygy çaklanylýar.



**Dünýäniň iň gymmat kartinasy.** Awstriýaly belli suratkeş Gustaw Klimtiň «Ýelpewaçly hanym» atly kartinasy «Sotheby's» auksionynda 74 million funt sterlinge satylyp, Ýewropada häzire çenli satylan iň gymmat kartina hökmünde täze rekord goýdy. Bu Klimtiň 1917-1918-nji ýyllarda çeken iň soňky suratydyr.



**Önümçiligini bes etmekçi.** Gyrgyzystan polietilen torbalardan doly ýüz öwürmekçi bolýar. Degişli kanun Gyrgyzystanyň parlamentinde kabul edilip, gol çekmek üçin döwlet Baştutanyna iberildi. Ýurtda plastik torbalaryň önümçiligi geljek ýyldan bes ediler. Olaryň ýerine alyjylara kagyzdan ýa-da matadan taýýarlanan ekotorbalar teklip ediler.



**12 müň dollara satylan hat.** «Titanik» gämisiniň urugwaýly ýolagçysy Ramon Gomesiň öz maşgalasyna ýazan iň soňky haty «Montewideo» auksionynda 12 müň dollara satyldy. Ýolagçy hatyny gämi batmazdan iki gün öň 12-nji aprelde Irlandiýada gäminiň soňky duralgasynda, Atlantik ummanyna girmezden öň poçta gutusyna oklapdyr.

**Türgenler üçin şäherçe gurlar.** 2024-nji ýylda Parižde Olimpiýa oýunlarynyň geçirilýän döwründe türgenler üçin niýetlenen şäherçe gurlar. Meýdany 12 müň inedördül metrden gowrak bolan bu taslama desgalaryň birnäçesini öz içine alar. Olimpiýa oýunlary tamamlanandan soň şäherçe ýaşaýyş jaýlary hökmünde ulanylar.



# PARLAMENT SAÝLAWLARYNDA ÝEŇIŞ GAZANDY

Dolandyryjy konserwatiw partiýanyň başlygy, Premýer-ministr Kiriakos Misotakisiň ýolbaşçylygyndaky merkezi sagçy «Täze demokratiýa» partiýasy, Gresiýada geçirilen parlament saýlawlarynda 40,56% ses bilen ynamly ýeňiş gazandy. Bu barada parlament saýlawlaryny guraýan Gresiýanyň Içeri işler ministrligi habar berdi. Bu ýeňiş «Täze demokratiýa» üçin 300 orunlyk bir palataly parlamentde 158 orun almaga, oňa gözegçilik etmäge we özbaşdak hökümet gurmaga mümkinçilik berýär.

Misotakis öz partiýasynyň gazanan ýeňşi üçin saýlawçylara hoşallyk bildirip, olaryň uly özgerişlikleriň ýoly bilen has öňe gitmäge mümkinçilik döredendiklerini belledi.

Kiriakos Misotakis 26-njy iýunda ýurduň täze Premýer-ministri hökmünde Prezident köşgünde kasam kabul etdi. 3-nji iýulda saýlanan deputatlar kasam kabul etdi, 4-nji iýulda bolsa, parlamentiň başlygyny, başlygyň orunbasarlaryny we sekretariatyň agzalaryny saýlamak maksady bilen parlamentiň umumy mejlisi geçirildi. Afiny-Makedoniýa habarlar gullugynyň habaryna görä, ýakyn günlerde hökümet öz maksatnamasyny mälim eder.

«Täze demokratiýanyň» esasy bäsdeşi, Gresiýanyň öňki Premýer-ministri Aleksis Siprasyň ýolbaşçylygyndaky SYRIZA partiýasy 17,8% (48 orun), PASOK partiýasy bary-ýogy 12% (32 orun) ses aldy. Gresiýanyň parlamentinde kommunistler hem bolup, olar saýlawçylaryň 7,6% (20 orun) sesine eýe boldy. «Spartalylar» partiýasy 4,7%-e (12 orun) eýe boldy. Beýleki partiýalar 3% çäkden geçip bilmediler.



SYRIZA partiýasynyň lideri Aleksis Sipras çepçi güýçleriň asgyn gelendigini boýun alyp, parlamente giren sag we aşa sagçy partiýalara garşy durjakdygyny aýtdy. Onuň sözlerine görä, SYRIZA partiýasy öňümizdäki bir ýyla golaý wagtyň içinde Ýewropa Parlamentine geçiriljek saýlawlara çynlakaý taýýarlyk görmeli hem-de özgerdilmeli.

# FAO-nyň baş müdiri GAÝTADAN SAÝLANDY

BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) 43-nji mejlisinde hytaýly dalaşgär Sýuý Dunýuý sesleriň köpüsi bilen guramanyň baş müdiri wezipesine gaýtadan saýlandy. Sýuý Dunýuý FAO-nyň baş müdiri wezipesine 2019-njy ýylyň iýun aýynda saýlandy we guramanyň taryhynda Hytaýdan ilkinji başlykdyr. Ol işe başlaly bäri FAO-nyň global azyk howpsuzlygy meselelerine işjeň ýolbaşçylyk edýär. Sýuý Dunýuýyň başlangyçlary FAO agza ýurtlaryň giň topary tarapyndan goldaw tapyp, ähli ýurtlaryň, esasan hem, ösüp barýan ýurtlaryň azyk we oba hojalygynyň ösüşine goldaw berdi. 1945-nji ýylda döredilen, ştab-kwartirasy Rimde ýerleşýän FAO BMG-niň azyk we oba hojalyk boýunça ýöriteleşdirilen edarasydyr.

Bu gurama 1945-nji ýylda Kanadanyň Kwebek şäherinde döredildi. Ol BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasy bolup, açlyga garşy göreşmekde halkara tagallalaryna ýolbaşçylyk edýär. FAO-nyň ştab-kwartirasy 1951-nji ýyldan bäri Italiýanyň paýtagty Rimde ýerleşýär. Ählumumy azyk howpsuzlygyny gazanmak, adamlaryň işjeň we sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmagy üçin ýeterlik mukdarda ýokary hilli iýmit önümlerine yzygiderli elýeterliligi üpjün etmek FAO-nyň esasy maksadydyr. Guramanyň 195 agzasy bolup, oňa 194 döwlet we Ýewropa Bileleşigi girýär.

Bu gurama dünýäniň 130-dan gowrak ýurdunda işleýär. FAO hökümetlere we ösüş edaralaryna oba hojalygyny, tokaý hojalygyny, balykçylygy, ýer we suw gorlaryny kämilleşdirmek we ösdürmek boýunça tagallalaryny utgaşdyrmaga kömek edýär. Şeýle hem ol ylmy-barlag işlerini geçirýär, dürli taslamalara tehniki ýardam berýär, bilim



we okuw maksatnamalaryny durmuşa geçirýär, önümler, önümçilik we oba hojalygyny ösdürmek barada maglumatlary ýygnaýar.

Hytaý FAO-ny esaslandyryjy ýurtlaryň biridir. HHR 1973-nji ýylda bu gurama bilen gatnaşygyny dikeldip, onuň bilen ýygjam hyzmatdaşlygyny dowam etdirýär, onuň kampaniýalaryna işjeň gatnaşyp, goldaw berýär. FAO-nyň Hytaý bilen hyzmatdaşlygy Hytaýyň azyk we oba hojalygyny ösdürmek babatda ileri tutulýan ugurlarynyň köpüsini öz içine alýar. 1978-nji ýyldan bäri bu gurama ýurtda 500 töweregi taslamany durmuşa geçirdi.

# IŇ GOWY ŞÄHERLERIŇ SANAWY DÜZÜLDI

Awstriýanyň Wena şäheri «Economist Intelligence Unit» (EIU) kompaniýasy tarapyndan düzülen «Global Liveability Index 2023» sanawynda ýaşamak üçin dünýäniň iň gowy şäheri boldy. Awstriýanyň paýtagty, esasan, durnuklylygy, ygtybarly infrastrukturasy, nusgalyk bilimi we saglygy goraýşy, şeýle hem gowy medeniýet derejesi bilen öňe saýlandy. Hasabatda Wenanyň birnäçe ýyl bäri yzygiderli birinji orunda durýandygy bellenilýär.

Sanaw düzülende, aýratyn hem, dur-



nuklylyk, saglyk, bilim, infrastruktura, medeniýet we daşky gurşaw ýaly ugurlar boýunça şäherlere baha berilýär.

Ilkinji onluk şeýle tertipde düzüldi:

1. Wena (Awstriýa). 2. Kopengagen (Daniýa). 3. Melburn (Awstraliýa). 4. Sidneý (Awstraliýa). 5. Wankuwer (Kanada). 6. Sýurih (Şweýsariýa). 7. Kalgari (Kanada). 8. Ženewa (Şweýsariýa). 9. Toronto (Kanada). 10. Osaka (Ýaponiýa) we Oklend (Täze Zelandiýa).

Barlaglaryň awtorlary Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň şäherleriniň hem sanawa goşulandygyny bellediler. Mysal üçin, Gonkong 13-nji orna düşdi. Hasabata görä, bu ýagdaý pandemiýadan soň kadaly durmuşa geçiş bilen baglanyşyklydyr.




# DÜNÝÄNIŇ NAÝBAŞY RESTORANLARY

**Perunyň paýtagty Limada ýerleşýän «Central» restorany dünýäniň iň gowy restorany diýlip ykrar edildi. «2023-nji ýylyň iň gowy 50 restorany» (The Worlds 50 Best Restaurants) baýragyny almak ugrundaky bäsleşigiň netijeleri Ispaniýanyň Walensiýa şäherinde mälim edildi.**

**Şu ýyl peruly baş aşpezler Wirhilio Martines bilen Pii Leonyň restorany geçen 2022-nji ýylda iň gowy restoran diýlip ykrar edilen Kopengageniň «Geranium» restoranyndan öňe geçdi.**

**«Central» restoranynyň web sahypasyndaky maglumatlara görä, bu restoranyň aşhanasynda diňe ýerli önümler we aşpezlik goşundylary ulanylýar. Ozal bu restoran Latyn Amerikasy sebitinde iň gowusy hökmünde bäş gezek ykrar edilip, onuň birbada 11 wekili şu ýylyň iň gowy 50 restoranynyň sanawynda orun aldylar. Aziýadan ilkinji 50-lige 7 restoran girdi.**

**Dünýäniň müňden gowrak restoran hojaýynlary we restoran bilermenleri 2023-nji ýylyň iň gowy restoranyna ses bermäge gatnaşdy. Öňki ýyllaryň ýeňiji restoranlary bu baýraga dalaşgär görkezilmedi.**

# ŞHG-NIŇ SAMMITI ONLAÝN ÝAGDAÝDA GEÇIRILDI

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna (ŞHG) agza ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň geňeşiniň 23-nji maslahaty 4-nji iýulda Hindistanda onlaýn ýagdaýda geçirildi. Bu duşuşyga ŞHG-ä agza ýurtlaryň Liderleri onlaýn görnüşde gatnaşdylar. Maslahata ähli agza ýurtlar, şeýle hem Eýran, Belarus we Mongoliýa synçy, Türkmenistan myhman hökmünde gatnaşdy. Mundan başga-da, onlaýn çärä BMG, ASEAN we Kollektiw howpsuzlyk şertnamasy guramasy ýaly halkara we sebit guramalarynyň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Sammitiň esasy jemleýji resminamasy Deli jarnamasy boldy. Sammitiň barşynda sebit howpsuzlygyny üpjün etmek, ykdysadyýeti ösdürmek, medeni we gumanitar




alyş-çalyşlary üpjün etmek üçin möhüm kararlar kabul edildi. Şeýle hem Eýran döwletara bileleşiginiň dokuzynjy agzasy boldy. 2022-nji ýylyň sentýabr aýynda ŞHG-niň Samarkantda geçirilen sammitinde Eýranyň bu gurama goşulmagy barada şertnama gol çekilipdi. Mundan başga-da, maslahatda Belarus Respublikasynyň gurama doly hukukly agza döwletiň derejesini almagy baradaky çözgüt kabul edildi.

2001-nji ýylda Hytaýyň, Russiýanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Özbegistanyň we Täjigistanyň gatnaşmagynda Şanhaýda döredilen bu gurama soňra Pakistan we Hindistan ýaly ýurtlaryň goşulandygyny bellemelidiris. Mundan başga-da, guramanyň Azerbaýjan, Türkiýe, Ermenistan, Müsür, Kamboja, Katar, Nepal, Saud Arabystany, Şri-Lanka ýaly gepleşik boýunça hyzmatdaşlary bar.

Dünýädäki iň uly sebit guramasy hökmünde ŞHG-ä agza ýurtlar Ýewraziýanyň çäkleriniň, takmynan, 65%-ini, dünýä ilatynyň 40%-ini we dünýäniň jemi içerki önüminiň hem 20%-ini emele getirýär.

# BRIKS-e goşulmak üçin ýüz tutdy

Efiopiýa BRIKS-e goşulmak üçin resmi taýdan ýüz tutdy. Bu barada 30-njy iýunda ýurduň Daşary işler ministrliginiň resmi wekili Meles Alem metbugat ýygnagynda mälim etdi.

«Efiopiýa BRIKS we beýleki köptaraplaýyn mehanizmlere goşulmaga we halkara işlerine işjeň gatnaşmaga synanyşýar» diýip, Meles Alem belledi.

BRIKS Braziliýa, Russiýa, Hindistan, Hytaý we Günorta Afrikany öz içine alýan bäş sany ösüp barýan bazar ykdysadyýetli topardyr. 2023-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda BRIKS-iň başlyklygy Hytaýdan Günorta Afrika geçdi. Günorta Afrikanyň bileleşige ýolbaşçylygy 2023-nji ýylyň ahyryna çenli hereket edip, soňra ony bileleşigiň başga bir ýurduna geçirer. BRIKS-iň 15-nji sammiti şu ýylyň 22-24-nji awgusty aralygynda Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde guralar.

Häzirki döwürde BRIKS ýurtlary dünýä ilatynyň 40 göterimini, dünýä




ykdysadyýetiniň 25 göterimini düzýär. 19 ýurt BRIKS-e goşulmaga gyzyklanma bildirýär. Gurama goşulmak üçin dalaş edýänleriň arasynda Alžir, Müsür, Eýran, Bahreýn, Saud Arabystany, Birleşen Arap Emirlikleri, Indoneziýa we Türkiýe bar.

# Nebit we gaz taslamalary tassyklandy

**Norwegiýada 200 milliard norweg kronyndan (19 milliard dollar) gowrak maýa goýumlary bilen 19 sany täze nebit we gaz taslamasy tassyklandy. Patyşalyk Ýewropada iň iri nebit we gaz eksport ediji ýurt hökmünde geljekde nebit we gaz çykarmagy dowam etdirmegi maksat edinýär.**

**Geçen aýyň başynda, Norwegiýa täze ykdysady mümkinçilikleri gözlemek we nebit-gaz pudagyna garaşlylygy azaltmak boýunça strategiýasyna laýyklykda, deňziň çuň ýerlerinden peýdaly metallary gazyp almak maksady bilen özüniň kontinental kenarýakalaryny ulanmak barada karara geldi.**

**Skandinawiýa Patyşalygy uzak wagtdan bäri ykdysadyýetini diwersifikasiýa etmegiň ýollaryny gözleýär, ýöne täze karar energiýa pudagynyň geljekde aýratyn ähmiýete eýe boljakdygyny görkezýär. Ýurt häzirki wagtda energiýa serişdeleriniň eksportyna garamazdan, 2030-njy ýyla çenli howa zyýanly gazlary goýbermeýän ilkinji ýurt bolmak baradaky ägirt uly maksadyna ynamly golaýlaýar.**



## TARYHDA ŞU GÜN

**1983-nji ýylyň 7-nji iýulynda on ýaşly amerikaly gyzjagaz, parahatçylygyň ilçisi Samanta Smit ene-atasy bilen Moskwa geldi. Şondan soň ol diňe bir ABŞ-da we SSSR-de däl, eýsem, bütin dünýäde meşhur boldy. Samanta Smitiň sapary Moskwa bilen Waşingtonyň arasyndaky gatnaşyklaryň taryhynda iň ajaýyp wakalaryň birine öwrüldi.**



# TÄZE STRATEGIÝASYNY IŞLÄP DÜZDI

**Finlýandiýanyň Hökümeti ýurdy Ýewropanyň wodorod energiýasynyň merkezine öwürmek we ösen arassa energiýa pudagyny döretmek maksady bilen täze strategiýa işläp düzdi. Bu strategiýa wodorod önümçilik zynjyry bilen meşgullanýan häkimiýetleriň, kärdeşler arkalaşyklarynyň we kompaniýalaryň wekilleri bilen hyzmatdaşlykda işlenip düzüldi. Meýilnamalara görä, ýakyn wagtda Finlýandiýanyň elektrik ulgamlarynyň ekologiýa taýdan arassa bolmagyny, şeýle-de Ýewropa eksport etmek maksady bilen elektrik energiýasynyň bahasynyň bäsdeşlige ukyply bolmagyny gazanmaly.**



**Bilermenler bu maksatlar bilen ýurtda ornaşdyrylýan ýel beketleriniň we Gün panelleriniň geljekde aýratyn mümkinçilige eýe bolup biljekdigini belleýärler.**

**Hasaplamalara görä, Finlýandiýa 2030-njy ýyla çenli Ýewropa Bileleşiginde ulanylýan zyňyndysyz wodorodyň 14%-den gowragyny öndürip biler. Şeýle hem wodorod ykdysadyýeti dürli senagat pudaklarynda importa garaşlylygy azaldar. Mundan başga-da, wodorod ykdysadyýeti 2035-nji ýyla çenli 115 müň täze iş ornuny döretmek mümkinçiligine eýedir.**

**Bu maksatlara ýetmek üçin Finlýandiýanyň Hökümeti dürli pudaklaryň arasynda päsgelçiliksiz we çeýe hyzmatdaşlygyň zerurdygyny aýratyn nygtaýar. Şol sebäpli bu strategiýada öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin zerur çäreler kesgitlenipdir. Bilermenler wodorod ykdysadyýetini ösdürmek, ygtyýarnama amallaryny ýönekeýleşdirmek, ýaşyl elektrik önümçiliginiň ösmegine itergi bermek arkaly depgini güýçlendirip boljakdygyny aýdýarlar.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# GAÝYKLY GEZELENÇ EDILÝÄN OWADAN ŞÄHERLER



**Her ýyl millionlarça syýahatçyny özüne çekýän şäherleriň özboluşly aýratynlyklary bar. Käbir şäher taryhy ýadygärlikleri, käbiri tebigaty, käbiri täsin binagärlik aýratynlyklary bilen jahankeşdelerde uly gyzyklanma döredýär. Şäherleriň içinden akyp geçýän kanallar hem owadan görnüşi emele getirip, syýahatçylaryň şähere gaýykly gezelenç etmegine mümkinçilik berýär. Geliň, gaýykly gezelenç edilýän dünýädäki iň owadan şäherler bilen tanyş bolalyň!**



**Ansi, Fransiýa.** Hyýaly ertekileri göz öňünde janlandyrýan Ansi şäherinden romantik kanallaryň birnäçesi akyp geçýär. Bu şähere başgaça «Alp daglarynyň Wenesiýasy» hem diýilýär. Tiu derýasynda gaýykly gezelenç etmek bilen XV-XVI asyrlarda gurlan reňkli jaýlary synlap bolýar.



**Brýugge, Belgiýa.** Orta asyrlarda gurlan Brýugge diňe bir şäheriň merkezi bolan Markt meýdanyndaky öýler bilen çäklenmän, eýsem, şäheri gurşap alýan kanallary bilen hem meşhurdyr. Otly bilen baryp bolýan şäheri 30 minutlyk gaýykly gezelenç bilen synlap bolýar. Şäheri Demirgazyk deňzine birikdirýän akja kanallar hem owadan görnüşi emele getirýär. Brýugge şäherine baran myhmanlar gaýykly gezelençden başga-da, kenary synlap, owadan howlularda dynç alyp ýa-da hoşboý ysly şokolad dükanlarynda wagtyny geçirip bilerler.



**Wenesiýa, Italiýa.** Kanally owadan şäherler hakynda gürrüň edilende Wenesiýany agzaman geçmek bolmaz. 118 adany gurşap alýan Wenesiýada 150-den gowrak suw ýoly we 400-den gowrak köpri bar. Agaçdan ýasalan gaýyklar bu şäherde asyrlarboýy ulag serişdesi hökmünde hyzmat edip gelýär. Şäheriň nyşanyna öwrülen agaç gaýyklar bilen şäheriň taryhy ýerlerine, medeni binalaryna gezelenç edip bolýar. Şäheriň iň köp gaýyk gatnawy Uly Kanalda amala aşyrylýar.



**Bangkok, Tailand.** Şäherde ilkinji kanallar XVIII asyrda Rattanakosin adasyndaky Uly köşgi gämi gatnawy arkaly goramak maksady bilen gurulýar. Soňlugy bilen ýerli gämi gatnawlary üçin hem kanallar peýda bolup başlaýar. Şäheriň döwrebaplaşmagy bilen emeli kanallar gurlup, gaýykly gatnawlaryň täze ýollary döredilýär. Sensep, Tonburi şäheriň iň köp gatnawly kanallary bolup, şäheriň owadan ýerlerine gaýykly gezelenç edip bolýar. Şeýle hem şäheriň daşynda deňiz jandarlary, miwedir gök önümler satylýan «ýüzýän bazarlar» hem bar.



**Amsterdam, Niderlandlar.** Amsterdamdaky 165 kanal şäher merkezindäki suw ýollaryny birleşdirýän labirinti emele getirýär. Şäherde amala aşyrylýan gämi gatnawy edil taksi hyzmaty ýaly müşderileri öýleriniň gapysyna eltýär. Gije-gündiz dynuwsyz hereket edýän suw ulaglarynda şäheriň meşhur taryhy ýerlerine, Anna Frankyň öýüne, Wan Gog muzeýine gezelenç edip bolýar. Şäheriň käbir kanalynda «ýüzýän» jaýlar, şeýle-de syýahatçylar üçin «ýüzýän» myhmanhanalar hem bar.



**Suçžou, Hytaý.** Owadan baglary we asuda kanallary bilen meşhur bolan Suçžou şäheri gadymy suw ýollaryndaky gämi gatnawlary bilen tanalýar. Şäheriň merkezinden geçýän Uly Kanal dünýädäki iň uzyn we iň gadymy emeli suw ýoly hasaplanýar. Uzynlygy, takmynan, 1 müň 776 kilometre barabar bolan bu kanal Hançžou şäherini ýurduň paýtagty Pekin bilen birleşdirýär. Uly Kanalda hytaý medeniýetine degişli däp-dessurlar hem geçirilýär. Bu kanalda gämili aýlanmak arkaly söwda we medeni dynç alyş merkezlerine, taryhy ýadygärliklere, şeýle hem Şantang suw köçesine gezelenç edip bolýar.



**Githorn, Niderlandlar.** Amsterdamyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän Niderlandlaryň kiçijik obasy bolan Githorn suw ýollary bilen gurlan oba bolup, owadan görnüşi emele getirýär. Bu ýerde gara ýollaryň deregine gezelenç ýodalary, welosiped ýollary we gaýykly suw ýollary agdyklyk edýär. Oba barýan syýahatçylar gaýykly suw ýollarynda gezelenç etmek arkaly agaç köprüleri, agaçdan ýasalan jaýlary we özboluşly tebigy sazlaşygy synlap bilýärler.



# DEŇIZ SUWUNYŇ SAGLYGA PEÝDASY

**Bilermenler deňiz kenarlarynda dynç almagyň adamy rahatlandyrmak bilen bir hatarda, saglyk üçin peýdasynyň uludygyny belleýärler. Deňiz suwunda ortaça 3,5 göterim duz (natriý hlorid) bar. Başgaça aýdylanda, bir litr deňiz suwunda 35 gram duz saklanýar. Deňziň göm-gök suwuna çümmek, howasyndan dem almak, tolkunlaryň sesini diňlemek – bular elýetmez bejergiler hasaplanýar. Taryhy maglumatlara ser salanyňda hem, deňiz suwunyň adam saglygyny bejermekde peýdalanylandygy baradaky maglumatlara duş gelinýär. Geliň, tomus paslynda iň köp dynç alynýan ýerleriň biri bolan deňiz kenarynyň we deňiz suwunyň peýdaly taraplaryny öwreneliň!**

Deňiz suwunyň deri üçin peýdalydygyny bilmeýän adam ýok bolsa gerek. Şol sebäpli deňiz suwy kosmetika we derman senagatynda giňden ulanylýar. Deňiz suwunyň düzümindäki magniý deriniň ýaş we çeýe görünmegi üçin möhüm mineral hasaplanýar.

Ýüzdäki we bedendäki düwürtikleri guratmakda deňiz suwuna ýuwunmak amatly usullaryň biridir. Mundan başga-da, derideki tegmilleri aýyrmakda hem deňiz suwunyň peýdasy uludyr.

Deňiz suwundaky magniý, brom we litiý maddalary aladalanmak we gaharlanmak ýaly nerw bozulmalaryny bejermekde ähmiýetlidir. Bu maddalar beýnidäki melatoniniň we serotoniniň derejesini deňleşdirip, adamyň özüni rahat duýmagyna kömek edýär.

Deňziň duzly suwy saçyň goňaklamasynyň öňüni alýar. Şeýle hem deňiz suwy goňagy aýyrmakda hem peýdaly bolup, saçyň ýalpyldap durmagyny üpjün edýär.

Deňiz suwundaky ýod immuniteti güýçlendirýär. Mundan başga-da, deňiz suwundaky witaminlerdir minerallar allergik keselleri bejermekde, ýokançlyklara garşy göreşmekde, bedendäki kömelekleri we bakteriýalary ýok etmekde peýdalydyr.

Deňziň kenarynda dem almak arkaly demgysma we üsgülewük ýaly dem alyş ýollary bilen bagly nähoşluklary aradan aýryp bolýar. Şeýle hem deňziň kenarynda maşk etmek ýa-da ylgamak öýkeniň kuwwatyny artdyrýan fiziki bejergileriň biridir.

# WESPA – ÖZBOLUŞLY ULAG SERIŞDESI

Adamlaryň ösen isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen ýylyň-ýylyna täzeçe görnüşdäki ulag serişdeleri işlenip düzülýär. Elektrik togy bilen hereket edýän ulaglar, gibrid ýa-da uçýan tehnikalar, şeýle hem iki tigirli serişdeler soňky ýyllarda köpçüligiň ünsüni özüne çekýär. Ulag serişdeleriniň hataryna 23-nji aprelde 77 ýaşyny dolduran wespany hem goşmak bolar. «Wespa» meşhur brendleriň biri bolup, «Piaggio & C. SpA» italýan awtoulag öndürijisi tarapyndan öndürilýär. 1946-njy ýylda ilkinji nusgasy köpçülige hödürlenen bu skuter (ýangyç tygşytlaýan, hereketlendirijisi arka tarapynda bolan kiçi motosikl) ýönekeý we ygtybarly ulag bolmagy bilen tapawutlanýar. Wespa gysga wagtyň içinde Italiýanyň şäher durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülýär. Sebäbi bu ulag ýangyjy hem tygşytly sarp edip, şäher içinde sürmäge amatly bolýar. Şeýle hem bu skuteriň dizaýny adaty motosiklden tapawutly bolup, zenanlaryň sürmegi üçin hem amatly hasaplanýar. Şeýlelikde, bu ulaga isleg ýokary bolýar. Şeýle bolansoň, 50-nji ýyllarda bu ulag Germaniýa, Angliýa, Fransiýa, Belgiýa we Ispaniýa ýaly Ýewropa ýurtlaryna ýaýrap başlaýar. Ondan soňra Hindistandyr Indoneziýa ýaly Aziýa ýurtlarynda hem meşhurlyga eýe bolýar.

«La Dolce Vita» filminde (1960 ý.) wespanyň ilkinji gezek surata düşürilmeginden soň, bu skuteriň meşhurlygy has-da artýar. Hatda italýan jemgyýetiniň nyşanyna öwrülýär. Daşary ýurt žurnalistleri Italiýany «Wespa ýurdy» diýip atlandyrýarlar. Bu ulagyň önümçiligi 1956-njy ýylda 1 milliona, 1988-nji ýylda 10 milliona ýetýär. Wespa 60-70-nji ýyllarda ýaşlaryň arasynda ýörgünli ulag görnüşleriniň birine öwrülýär. Häzirki wagta çenli 150-ä golaý modeli öndürilen «Wespa» birnäçe ýyl bäri skuter bazarynda iň abraýly ulag bolmagyny dowam etdirýär. Ulag serişdeleriniň daşky gurşawa ýetirýän täsirini azaltmak maksady bilen, 2019-njy ýylda bu skuteriň elektrik togy bilen hereket edýän görnüşi köpçülige ýetirildi. Wespa meňzeş ulaglaryň birnäçesiniň işlenip düzülendigine garamazdan, italýan skuteri motosikl muşdaklarynyň ösen islegini kanagatlandyrýar.



# ÇAGALAR

✓ **Rambutan Günorta-Gündogar Aziýada duş gelýän endemik agaç bolup, esasan, tropik gurşawda ösýär.**



## TOMUSKY DYNÇ ALYŞ MÖWSÜMI DOWAM EDÝÄR

**Tomus pasly täze zatlary öwrenmek, syýahat etmek we dynç almak üçin ajaýyp möwsümdir. Bu möwsümde çagalar tomusky dynç alşa çykýarlar. Eýsem, gyzykly güýmenjelere baý tomus paslyny nähili geçirmeli?!**

**Gün tertibine eýermeli.** Mekdebe gitmeýändigiňize garamazdan, gün tertibini talabalaýyk berjaý etmeli. Irden turup beden maşklaryny ýerine ýetirmeli. Wagtly-wagtynda iýmitlenmäge we dynç almaga üns bermeli.

**Wagtynda naharlanmaly.** Oýna ýa-da telewizordyr telefona güýmenip, wagtynda naharlanmagy ýatdan çykarmaly däl! Esasan hem, ertirlik edinmegi endik etmeli. Sebäbi irdenine iýip-içmek çaganyň ösüşi hem-de işjeňligi üçin örän peýdalydyr. Tomus paslynda, esasan, süýt önümlerini, miwedir gök-bakja önümlerini hem-de däneli iýmitleri köpräk iýmeli.

**Günüň ýiti şöhlesinden goranmaly.** Tomus paslynda howanyň gyzgynlyk derejesini göz öňünde tutup, irden hem-de agşamara salkyn howada daşarda oýnamak ýa-da gezelenç etmek maslahat berilýär. Günortan Günüň dik düşýän ýiti şöhlesinden goranmaly. Şol sebäpli daşary çykmak, Günüň aşagynda gezmek, ysyda nämedir bir zada güýmenmek maslahat berilmeýär.

**Dynç almaly.** Tebigatda, şäheriň owadan künjeklerinde gezelenç etmeli, şeýle hem syýahatçylyk merkezlerinde dynç almaly. Okuw ýylynyň dowamynda toplanan ýadawlyklary çykarmaly. Özümizi rahat alyp barmaly. Bu täze okuw ýylyna şowly başlamaga, okuw derslerini has aňsat özleşdirmäge ýardam eder.

**Sport bilen meşgullanmaly.** Öýde ýa-da syýahatçylyk merkezlerinde dynç alýandygyňyza garamazdan, salkyn howada sport bilen meşgullanmaly. Özüňize ýakyn bolan sport görnüşi bilen meşgullanmak siziň wagtyňyzy gyzykly geçirmäge hem-de beden taýdan taplanmaga kömek eder. Sport bilen meşgullanmak diňe bir tomusky dynç alyş möwsümine degişli bolman, eýsem, ýylyň islendik paslyna hem mahsusdyr.

**Tehnologik enjamlardan uzaklaşyň!** Telewizoryň, kompýuteriň başynda uzak wagtlap oturman ýa-da telefona güýmenmän peýdaly işleri ýerine ýetiriň! Hossarlaryňyzyň öý işlerine kömek ediň, kitap okaň ýa-da dil öwreniň! Bu siziň zehin taýdan taplanmagyňyza hem-de kämillige ýetmegiňize kömek eder.

**Seresap boluň!** Tomus paslynyň iň gyzykly güýmenjeleriniň biri hem welosiped sürmekdir. Welosiped sürýän wagtyňyz gorag başgabyny geýmegi, ýol-ulag hereketiniň ýok ýerinde gezelenç etmegi ýatdan çykarmaň! Mundan başga-da, akar suwa gözegçiliksiz düşmekden saklanyň! Onuň ýerine ýörite howuzlarda ýa-da çişirilýän emeli howuzlarda suwa düşmek maslahat berilýär.








Rambutan Günorta-Gündogar Aziýada duş gelýän endemik agaç bolup, esasan, tropik gurşawda ösýär. Miwesi bilen adybir bu agaç «sapindaceae» maşgalasyna degişlidir. XIII-XV asyrlarda arap söwdagärleriniň rambutanyň miwesini dürli ýurtlara äkitmegi bilen, Amerika, Afrika sebitlerine ýaýraýar.



Rambutan hemişe gök öwüsýän agaç bolup, 15-24 metre çenli ösýär. Uzyndan inçe ýaprakly bu agajyň ownuk gülleri bolýar. Bu agajyň hoşboý ysly gülleri mör-möjekleri, esasan hem, balarylaryny özüne çekýär. Islendik toprakda ösüp bilýän rambutan iki-üç ýyldan soň miwe berýär. Rambutanyň iki görnüşi – miweli we miwesiz görnüşi bar. «Rambutan» malaý diliniň rambut sözünden gelip çykyp, «tüýli miwe, saç» diýen manyny aňladýar. Rambutanyň iň esasy aýratynlygy onuň özboluşly görnüşe eýe bolan miwesidir. Daşyndan göräýmäge süýnýän rezin oýnawaja meňzeýän bu miwäniň ululygy 3-6 santimetr aralygynda bolýar. Gabygy üpürjikli rambutanyň reňki, esasan, gyzyl bolup, seýrek ýagdaýda mämişi ýa-da sary görnüşlerem duş gelýär. Içinde ýumurtga şekilli iýilýän bölegi bolup, üzümiňkä meňzeş süýji, ýumşak kislotaly tagamy bar. Golf topunyň ululygyndaky bu miwäniň ýekeje çigidi bolup, ajy tagamy bar. Peýdaly maddalary özünde jemleýän bu miwäniň ajy çigidi käbir ýerde gowrulyp hem iýilýär. Rambutanyň düzüminde 78% suw, 21% uglewod, 1% belok we az mukdarda ýag saklanýar. Bu tropik miwe terligine we gaplanan görnüşinde eksport edilýär. Rambutan sabyn önümçiliginde peýdalanylyp, agajynyň kökleri, gabygy we ýapraklary boýag öndürmekde hem ulanylýar.

**«Saýany ekmedik, salkynda ýatmaz»**

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

Tebigat we zähmet çekmek bilen baglanyşykly döredilen bu nakylda agaç ekmegiň adam durmuşy üçin peýdalydygy beýan edilýär. Agaç özünden arassa howa bölüp çykarmak bilen bir hatarda, töweregine kölege berip, adamlaryň salkyn howada dynç almagyny üpjün edýär. Agaç ekmek sogaply iş hasaplanyp, agaç eken adamyň ady hemişe ýatlanýar. Nakylda «saýa» sözi haýyrly iş, peýdaly zat, «salkynda ýatmak» haýyrly işiň hözirini görmek, ýaşaýyş üçin amatly şert manyda gelýär. Nakylyň manysyny jemlänimizde, agaç ekmegiň, umuman haýyrly bir iş etmegiň adama rahatlyk we eşret berýändigi beýan edilýär.



**TAPMAÇA**

Boş öýjükleri degişli 23, 20, 29, 30, 32, 36, 39, 43 sanlar bilen dolduryň! Olary keseligine we dikligine goşanyňyzda jemi 95-e deň bolmaly.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 33 | | | = 95 |
| | | | = 95 |
| | | | = 95 |
| = 95 | = 95 | = 95 | |



**10 tapawudy tapyň!**
















## 30-njy KROSSWORD

Berdi GURTGELDIÝEW, *Türkmenbaşy şäheriniň ýaşaýjysy.*

● **KESELIGINE:** **1.** Ýewraziýada iň uzyn derýa. **6.** Ýaňy münüş öwredilen taý. **9.** Şöhle, ýalkym. **10.** Aryk, hor. **13.** Kosmos giňişligine uçurylýan göteriji enjam. **17.** Ýaşaýyş jaýlarynda ýere ýazmak üçin berk materialdan ýasalan dürli reňkdäki, galyňlykdaky emeli gurnama düşeklik. **19.** Hyzmatkär, gul (köne söz). **20.** Arkaýynlyk, aladasyzlyk. **24.** Balyk tutulýan uly tor. **25.** Basymy özüne geçirmeýän we çyzyjak arkaly ýazylýan güýçlendiriji ownuk bölek. **26.** Iki döwletiň serhedinde wagtlaýyn bölüji zolak. **30.** Gapanyň iki ýaý görnüşli agzyny gysyp durýan ýasy polat ýaýjyk. **31.** «Men-menlikde gezer käsi, Günbe-günden bolar ...» (Zelili). **35.** Biriniň ýa-da bir zadyň geler wagty bolýança durmak, saklanmak. **37.** Süriniň başyny çekýän jaňly teke serke. **38.** Belli nemes fizigi Georg Simon .... **39.** Ýaranjaňlyk etmek, gülüm-ýalym edip ýaranjak bolmak. **44.** Wengriýada bir köl. **46.** Wenesuelanyň paýtagty. **49.** Çuň bolmadyk, ýalpak gap-gaç. **53.** Gara, ýaşyl ýa-da gök matanyň ýüzüne dört setir edilip düzülýän ortasy güberçek, iki tarapy gulply bezeg şaýy. **56.** Müdimi, baky. **57.** Belli iňlis astronomy Edmund .... **58.** Togalak, iri ak üzümiň bir görnüşi.

● **DIKLIGINE:** **2.** «... döwek garradar, ýigidi [illegible] orak» (nakyl). **3.** Hor malyň gapyrgasynyň daş-töweregindäki ýelmeşip duran ýargak. **4.** «Bir ... düşse adam serne, uky gaçyp, köňül urna» (Magtymguly). **5.** At seýislenende, onuň öwrüm edýän meýdany. **6.** Köp kirişli, uly kädili, kiriş kakar bilen çalynýan halk saz guraly. **7.** Orta Aziýanyň beýik daglyklarynda ýaşaýan iri şahly süýdemdiriji jandar. **8.** Wada, äht. **10.** Golaý-goltum ýerler, töwerek. **11.** Ýewropada paýtagt şäher. **12.** Iş başarmaýan, sansyz. **14.** Guýrugy ak, çypar reňkli at. **15.** «Ynsapsyza ... berseň, ili talar» (nakyl). **16.** At seýisleýän, at ösdürip ýetişdirmek hünäri bolan adam. **18.** Gawunyň daşyndaky çyzmyklar. **19.** «Gutap» sözüniň iňlisçesi. **21.** Ýiti agyry. **22.** Depäňi deşip barýan yssy bolmak, ýakyp barmak, howa gaty gyzmak. **23.** Himiki element. **26.** Wagt-orun düşümiň goşulmasy. **27.** Ýewropada bir derýa. **28.** Iş, ulag maly hökmünde ulanylýan iri öý haýwany, gylýal. **29.** Çägelerde, takyrlyklarda duş gelýän suwulgana meňzeş kiçijik ala reňkli süýreniji. **32.** Meşhur fransuz ýazyjysy, filosofy ... Lui de Monteskýo. **33.** Kümüş pul (köne söz). **34.** Nähak ýere ýöňkelen günä, töhmet. **36.** Biçak uly, örän köp. **40.** Esgi, köne-sana. **41.** Arap elipbiýiniň on sekizinji harpy. **42.** Albaniýanyň pul birligi. **43.** Önümiň, harydyň ýüzüne onuň çykan ýerini, hilini görkezmek üçin ýelmenýän belgi. **45.** Geplemekden mahrum bolan. **47.** «... bilen hylwat söz gurma, ýola girme kör biläni» (Magtymguly). **48.** Daş görnüşi, gabarasy uly, daýaw. **50.** «Meýdan ... jeňi-maglup gaýrylsa» (Mätäji). **51.** Ekin ekmek üçin töweregi çillenen ýer, atyz. **52.** Eýranda bir şäher. **53.** Gülli ýa-da gülsüz ýukajyk nah mata. **54.** Suw degirmenini, gämileri we uçarlary herekete getirýän çarh şekilli enjam. **55.** «Akmak it ... üýrer» (nakyl).

Üç ölçegli suratyň içinde başga bir şekil gizlenen. Ony görmek üçin «gözüň bilen seretmeli, beýniň bilen görmeli». Suraty gymyldatman saklap, bulam-bujar şekiliň aňyrsyna serediň we biraz wagtdan gözüňizi ýuwaşlyk bilen suratdan daşlaşdyryň! Başga bir şekil peýda bolar.

**Birinji gezekde görüp bilmeseňiz, az-kem dynç alyp, täzeden synanyşyň!**

## Üç ölçegli surat

№ 7



Üç ölçegli suratyň jogaby.

№ 6

### 29-njy krosswordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| D | E | R | B | E | N | T | | | | G | Y | M | Y | Z | | | | B | A | D | A | L | G | A |
| | K | | A | | | E | | A | D | A | | A | | A | R | Z | | O | | | D | | E | |
| B | E | Z | B | E | L | T | E | K | | R | | Ý | | W | | I | Ç | Ý | A | N | A | G | Z | Y |
| | J | | A | | | I | | Y | | | A | N | D | | | R | | A | | | M | | E | |
| | I | N | D | E | K | S | | L | A | W | R | | I | G | D | E | | G | E | Ý | Z | E | R | |
| | | | A | | | | | | M | | S | | Ý | | E | | | | | | A | | | |
| | | I | Ş | D | E | Ş | | | E | S | E | R | D | E | Ň | | | L | A | G | T | A | | |
| D | O | G | | O | | A | S | Y | R | | N | | I | | I | Ş | M | E | | I | | K | U | B |
| | | E | G | R | E | M | | | I | T | A | L | M | A | Z | | | K | A | T | A | R | | |
| | | | A | | | | | | K | | L | | Z | | Ç | | | | | | R | | | |
| | E | Ş | R | E | P | I | | M | A | L | | | O | S | I | P | | T | O | M | A | G | A | |
| | T | | A | | | N | | E | | | N | U | R | | | I | | A | | | B | | L | |
| P | E | R | G | A | M | E | N | T | | E | | R | | B | | T | A | G | A | N | A | Ý | A | K |
| | N | | U | | | R | | R | U | R | | A | | I | R | I | | T | | | Ç | | P | |
| S | E | R | M | E | S | T | | | | K | E | N | I | Z | | | | A | K | M | Y | R | A | T |

### 18-nji skanwordyň jogaby:

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | M | | D | | | M | E | R | K | U | R | I | Ý |
| Ş | A | | Ü | Ç | | I | | | I | | U | | A |
| | K | | M | I | L | Ý | A | | T | | P | | L |
| T | E | G | E | K | | E | S | T | O | N | I | Ý | A |
| | D | O | | A | Ň | S | A | | | A | Ý | A | Z |
| S | O | R | A | G | | S | | B | A | L | A | R | Y |
| | N | | R | O | M | E | O | | R | | | | |
| R | I | T | M | | A | R | R | Y | K | | | | |
| | Ý | | Y | | N | | A | | A | | | | |
| G | A | N | T | | D | E | K | A | N | | | | |
| O | | Y | | G | O | L | | K | | E | S | S | E |
| T | I | Z | | Ü | L | E | Ş | I | K | | A | | L |
| A | | A | | B | I | K | E | | A | P | R | E | L |
| Z | E | M | Z | E | N | | R | A | K | | Y | | I |
| | | | | R | A | S | T | R | | O | M | S | K |
| | | | | Ç | | E | | A | O | R | T | A | |
| | | | | E | N | D | A | M | | N | Y | R | H |
| | | | | K | | A | | A | G | Y | L | Ç | A |




## 19-njy SKANWORD

## Bir sözlemde...

Woleýbol boýunça 5-nji gezek geçirilýän zenanlaryň arasyndaky Milletler Ligasynda toparçalardaky duşuşyklar tamamlanyp, 12–16-njy iýul aralygynda ABŞ-da geçiriljek final tapgyrynda çykyş etjek toparlar belli boldy we çärýek finalda Polşa—Germaniýa, Braziliýa—Hytaý, ABŞ—Ýaponiýa hem-de Türkiýe—Italiýa duşuşyklary oýnalar.

Golf boýunça 5 uly ýaryşyň hatarynda görkezilýän «U.S. Senior Open» bäsleşiginde germaniýaly Bernard Langer ýeňiş gazanyp, ol 43-nji gezek geçirilen çempionatda geçen ýylyň wise-çempiony Stiw Straýkerden öňe saýlandy we 720 müň dollarlyk pul baýragyna mynasyp boldy.

Basketbol boýunça zenanlaryň arasynda Awstraliýada geçirilen 30-njy Aziýa Kubogynyň finalynda soňky 2 ýylda bolşy ýaly Hytaý bilen Ýaponiýanyň ýygyndylary duşuşyp, bu gezek olaryň birinjisi 73:71 hasabynda üstün çykdy we 12-nji çempionlygyny baýram edip, Günorta Koreýa bilen deňleşdi.

NASKAR ýaryşlarynyň möwsümdäki 18-nji bäsleşigi Çikago şäheriniň köçelerinde geçirilip, «Triple Eight Race Engineering» toparynyň Täze zelandiýaly sürüjisi Şeýn Wan Gisbergen hemmelerden öňe saýlandy we 60 ýyldan soň NASKAR-da ilkinji bäsleşiginde ýeňiş gazanan pilot hökmünde hasaba alyndy.

Daniýaly meşhur tennisçi zenan, 32 ýaşyndaky Karolina Wozniaski 3 ýyldan soň täzeden tennise gaýdyp geljekdigini habar berip, ol 2020-nji ýylda sporta wagtlaýynça arakesme berýänçä 30 çempionlyk gazanypdy, 71 hepde 1-nji orunda galypdy.

## Neýmara 3,5 million dollarlyk jerime salyndy

PSŽ toparynyň braziliýaly super ýyldyzy Neýmar agyr jerimä sezewar boldy. Oňa ýurdy Braziliýadaky mülk ýerinde daşky gurşawy bozandygy üçin 3,5 million dollarlyk jerime salyndy. Ol öz mülk ýerinde emeli köl döredip, daşky gurşawy goramagyň düzgünleriniň 4-sini bozupdyr.



Ýagny oňa daşky gurşawa degişli işleriň rugsatsyz edilmegi, derýanyň suwunyň bi-rugsat alynmagy hem-de ugrunyň üýtgedilmegi, şeýle-de, ýeriň gazylyp, ösümlikleriň üýtgedilmegi ýaly eden bidüzgünçilikleri üçin agyr jerime salyndy. Sebitiň geňeşi jerimäniň tassyklanandygyny mälim etdi. Neýmaryň mülk ýeri Rio de Žaneýro şäherine 130 kilometr daşlykdaky syýahatçylyk zolagynda ýerleşýär. Neýmaryň bu mülk ýerinde emeli kölden başga-da, dikuçar üçin ýörite meýdança, ýüzüş howzy, SPA hem-de kiçeňräk sport zaly bar.







# 136-njy «Wimbledon» tennis ýaryşy

Hepdäniň duşenbe güni, has takygy, 3-nji iýulda möwsümiň 3-nji «Uly tuwulgasy» bolan «Wimbledon» tennis bäsleşigine badalga berildi. Londonyň Wimbledon diýlen ýerinde guralýan ýaryş 136-njy gezek geçirilýär. 16-njy iýula çenli dowam etjek bäsleşigiň umumy baýrak gaznasy 44,7 milliard funt sterlinge deň bolup, ýeňijilere – erkekdir zenanlaryň arasynda çempionlyk gazananlara aýratynlykda, 2,35 million funt sterling pul baýragy berler.

Ilkinji gezek 1877-nji ýylda geçirilen «Wimbledon» dünýäniň iň gadymy tennis bäsleşigi hasaplanýar. «All England Lawn Tennis and Croquet Club» atly klub tarapyndan guralýan «Wimbledon» bäsleşigi beýleki «Uly tuwulgalardan» käbir zatlarda tapawutlandyrylýar. «Wimbledon»-yň iň esasy aýratynlygy duşuşyklaryň ýaşyl otly kortlarda geçirilmegidir. Şeýle-de, ýaryşyň käbir özboluşly aýratynlyklary bolup, goýy ýaşyl hem-de benewşe reňkler bäsleşigiň resmi reňki hasaplanýar (1909-njy ýyldan bäri). Kortlaryň arkasyndaky skorborduň reňki-de goýy ýaşyl bolmaly edilip, ol ýaryşyň düzgünleriniň biridir. Edil ýazylgy bolmasa-da tennisçileriň ak eşikde bolmagy zerurdyr. Şol sanda tennisçiler duşuşyga çykanda, duşuşyk tamamlananda ýörite protokol düzgünlerini berjaý etmelidirler. Duşuşyklar dowam edýän mahaly ýagyş ýagsa, merkez kortdan galan kortlaryň üsti brezent bilen ýapylyp, arakesme berilýär. Merkez kortuň, şol sanda 2019-njy ýyldan bäri 1-nji kortuň üçegi awtomatik usulda açylyp ýapylýar.



### KÄBIR REKORDLAR

Erkekleriň arasynda iň köp çempionlyk gazanan tennisçi şweýsariýaly Rojer Federer bolup, ol 8 gezek kubogy eýelemegi başardy. Zenanlaryň arasynda-da amerikaly Martina Nawratilowa 9 çempionlyk bilen sanawyň başyny çekip gelýär.

Yzly-yzlyna iň köp çempionlyk gazananmakda erkeklerden britaniýaly William Renşow 7, zenanlardan amerikaly Martina Nawratilowa 6 çempionlyk bilen öňdeligi eýeleýärler.

Erkekleriň arasynda germaniýaly Boris Bekker (1985) 17, zenanlardan britaniýaly Lotti Dod (1887) 15 ýaş bilen «Wimbledonda» çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçilerdir.

Beýik britaniýaly tennisçiler — Artur Gor (1909) 41, Şarlotte Kuper (1908) 37 ýaşynda çempion bolup, bu ýaryşda çempionlyk gazanan iň ýaşuly tennisçiler hökmünde rekordyň eýesidir.

### JOKOWIÇ BILEN ŞWENTEK 3-nji TAPGYRA ÇYKDY

Ýokary depginde dowam edýän 136-njy «Wimbledon» ýaryşynda 1-nji tapgyryň oýunlary tamamlanyp, 2-nji tapgyryň duşuşyklaryna badalga berildi. Soňky çempion Nowak Jokowiç 1-nji tapgyrda argentinaly Pedro Kaçini, 2-nji tapgyrda-da awstraliýaly Jordan Tompsony 3:0 hasaplar bilen ýeňip, 3-nji tapgyra çykdy. Edil şonuň ýaly, zenanlardan hem çempionlygyň esasy dalaşgärlerinden Iga Şwentek hem 1–2-nji tapgyrlary ýeňillik bilen geçmegiň hötdesinden geldi. Soňky çempion Elena Rybakina 1-nji tapgyrda amerikaly Şelbi Rojersden 1-nji setde utulsa-da, 2-3-nji setlerde ýeňiş gazanyp, 2-nji tapgyra adyny ýazdyrdy. Ol 2-nji tapgyrda fransiýaly Aliz Korne bilen duşuşar.

### 1-nji TAPGYRYŇ KÄBIR ESASY DUŞUŞYKLARY:

◆ **ERKEKLER:** Karlos Alkaras – Žeremi Çardi – 6:0, 6:2, 7:5; Jorj Loffhagen – **Holger Rune** – 6:7, 3:6, 2:6; **Daniil Medwedew** – Artur Fenni – 7:5, 6:4, 6:3; Dominik Tim – **Stefan Sisipas** – 6:3, 6:7, 2:6, 7:6, 6:7; **Ýannik Sinner** – Huan Manuel Serundolo – 6:2, 6:2, 6:2; Ýannik Hanfmann – **Teýlor Fritz** – 4:6, 6:2, 6:4, 5:7, 3:6; Loren Lokolo – **Kasper Ruud** – 1:6, 7:5, 4:6, 3:6; **Andreý Rublew** – Maks Pursell – 6:3, 7:5, 6:4; **Lorenzo Musetti** – Huan Pablo Warillas – 6:3, 6:1, 7:5; Pedro Kaçin – **Nowak Jokowiç** – 3:6, 3:6, 6:7.

◆ **ZENANLAR:** **Iga Şwentek** – Çžu Lin – 6:1, 6:3; **Dariýa Kasatkina** – Karoline Dolehide – 6:1, 6:4; Ýuen Ýe – **Wiktoriýa Azarenka** – 4:6, 7:5, 4:6; **Sofiýa Kenin** – Koko Gauff – 6:4, 4:6, 6:2; **Jessika Pegula** – Lauren Dewis – 6:2, 6:7, 6:3; **Weronika Kudermetowa** – Kaia Kanepi – 7:6, 6:4; Keýti Wolynets – **Karolin Garsiýa** – 4:6, 3:6; **Uns Jaber** – Magdalena Freç – 6:3, 6:3; Jasmin Paolini – **Petra Kwitowa** – 4:6, 7:6, 1:6; Şelbi Rojers – **Elena Rybakina** – 6:4, 1:6, 2:6; Mariýa Sakkari – **Marta Kostýuk** – 6:0, 5:7, 2:6; Panna Udwardi – **Aryna Sabalanka** – 3:6, 1:6.

### 2-nji TAPGYRYŇ KÄBIR DUŞUŞYKLARY:

◆ **ERKEKLER:** **Ýannik Sinner** – Diego Şwartsman – 7:5, 6:1, 6:2; Jordan Tompson – **Nowak Jokowiç** – 3:6, 6:7, 5:7.

◆ **ZENANLAR:** **Iga Şwentek** – Sara Sorribes Tormo – 6:2, 6:0; **Dariýa Kasatkina** – Jodi Burrage – 6:0, 6:2.



# Werstappeniň yzly-yzyna 5-nji, «Red Bullyň» 10-njy ýeňşi







Formula 1 boýunça möwsümiň 10-njy ýaryşy Awstriýanyň Spilberg şäherindäki «Red Bull Ring» trassasynda geçirilip, soňky çempion ýeňiş gazandy. «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýaryşy başlaýşy ýaly tamamlap, ol 71 aýlawy 1 sagat 25 minut 33,607 sekuntda geçmegi başardy. Sprint ýaryşynda-da öňe saýlanan Werstappen bassyr 5-nji, möwsümdäki 7-nji, karýerasyndaky 42-nji ýeňşini baýram etdi.

Bu ýeňiş «Red Bull» toparynyň bassyr 10-njy, şeýle-de soňky 20 «Gran Pri»-de 19-njy ýeňşidir. Topar nobatdaky ýaryşda hem ýeňiş gazansa, onda «McLaren» toparynyň rekordyny gaýtalar. «McLaren» topary 1988-nji ýylda rowaýaty sürüjileri Aýrton Senna hem-de Alen Prost bilen yzly-yzyna 11 ýaryşda ýeňiş gazanypdy.

Awstriýa «Gran Prisinde» 2-nji ýeri «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler eýeledi. Ol ýeňijiden 5,155 sekunt yza galdy. Lekleriň gazanan 2-njiligi «Ferrari» toparynyň 800-nji gezekki ýeňiş münberine çykmagy hökmünde hasaba alyndy. Werstappeniň meksikaly topardaşy Serhio Peres ýeňijiden 17,188 sekunt soň pellehana gelip, 3-nji orna mynasyp boldy. 4-nji orny «McLaren» toparynyň britan sürüjisi Lando Norris, 5-nji ýeri «Aston Martin» toparynyň ispan sürüjisi Fernando Alonso eýeledi. «Ferrari» toparynyň ispan sürüjisi Karlos Saýns Junioryň 6-njy bolan ýaryşynda «Mercedes» toparynyň britan pilotlary – Jorj Rassell bilen Lýuwis Hamilton 7-8-nji orunlary paýlaşdylar. Bu ýaryşda 10 sürüji dürli sebäplerden jerime aldy. Aslynda ýaryşy Karlos Saýns Junior 4-nji, Lýuwis Hamilton 7-nji orunda tamamlapdy.

Geçirilen 10-njy ýaryşdan soň utugyny 229-a çykaran Werstappen barha arany açýar. 2-nji ýerdäki Peresiň 148, 3-nji orundaky Alonsonyň 131 utugy bar. Möwsümiň 11-nji ýaryşy 9-njy iýulda Beýik Britaniýanyň Silwerstoun şäherçesinde geçiriler.

## 3-nji ÝEWROPA OÝUNLARY TAMAMLANDY



Polşanyň Krakow hem-de Malopolska şäherlerinde geçirilen 3-nji Ýewropa oýunlary tamamlandy. Yklymyň 48 döwletinden 6 müň 857 türgeniň gatnaşan oýunlarynda sportuň 29 ugry boýunça 254 ýaryş geçirildi. Bu ýaryşyň çägindäki käbir sport görnüşlerinde gazanylan başarnyk käbir türgenlere geljek ýyl Parižde geçiriljek tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga ygtyýar berdi. Geçirilen ýaryşlarda çempionatyň birnäçe rekordy täzelendi.

Medallaryň sanawynda Italiýanyň ýygyndysy 1-nji orny eýeledi. Italiýaly türgenler 35 altyn, 26 kümüş, 39 bürünç, jemi 100 medal gazandylar. 2-nji ýere 21 altyn, 17 kümüş, 19 bürünç, jemi 57 medal gazanan Ispaniýa mynasyp boldy. 21 altyn medal gazanan ukrainler ispanlara garanyňda azrak kümüş medal gazanyp, 3-nji orny eýelediler. Olar 12 kümüş, 8 bürünç, jemi 41 medala eýelik etdiler. Germaniýadan wekilçilik eden türgenler 20 altyn, 16 kümüş, 27 bürünç, jemi 63 medal bilen 4-nji, Fransiýanyň türgenleri-de 17 altyn, 19 kümüş, 26 bürünç, jemi 62 medal bilen 5-nji orna mynasyp boldular. Ýer eýeleri polýaklar 13 altyn, 19 kümüş, 18 bürünç, jemi 50 medal gazanyp, 6-njy orunda tamamladylar. 35 ýurduň wekili azyndan 1 altyn, şol sanda 41 ýurduň türgeni-de 3-nji Ýewropa oýunlarynda azyndan 1 medal gazanmagy başardy.

Ýeňil atletika ýaryşlarynda italýanlar 7 altyn medal gazandylar. Erkekleriň arasyndaky 100 metr ylgawda Samuele Çekkarelli, 400 metr ylgawda Alessandro Sibilio, beýikligine bökmekde Olimpiýa çempiony Janmarko Tamberi, üçürdikläp bökmekde Tobia Bokki, gülle iteklemekde Zana Weir dagy yklymyň çempionlygyny gazandylar. Erkekleriň arasynda uzynlygyna bökmekde gresiýaly Miltiadis Tentoglu, ýekedaban zyňmakda-da polşaly Woýçeh Nowitski Olimpiýa çempionlyklarynyň üstüni Ýewropa çempionlygy bilen ýetirdiler.

Zenanlardan polşaly Ewa Swoboda (100 m), niderlandly Femke Bol (400 m), albaniýaly Luiza Gega (päsgelçilikli 3000 m) ýaly türgenler çempionatyň rekordyny täzeläp, altyn medal gazandylar. Ukrainaly Ýaroslawa Mahuçih (beýikligine bökmek), finlýandiýaly Wilma Murto (syrykly bökmek), ukrainaly Marina Bek-Romançuk (üçürdikläp bökmek), portugaliýaly Oriol Dongma (gülle iteklemek) altyn medal gazanan beýleki türgenler boldy.

3x3 basketbolda erkekleriň arasynda Latwiýanyň, zenanlaryň arasynda-da Litwanyň basketbolçylary ýeňiş gazandy. Kenarýaka gandboly boýunça erkekleriň arasynda Ispaniýanyň, zenanlardan Daniýanyň ýygyndysy çempion boldy. Kenarýaka futboly ýaryşynda-da çempionlyk gazanmak erkeklerde Şweýsariýanyň, zenanlarda Ispaniýanyň ýygyndysyna başartdy. Regbi 7 ýaryşynda erkekleriň arasynda-da, zenanlaryň arasynda-da Irlandiýa bilen Beýik Britaniýanyň ýygyndylary duşuşdy. Netijede, hersi bir ýaryşda münberiň iň ýokary basgançagyna çykdy — erkekleriň arasynda Irlandiýa, zenanlaryň arasynda Beýik Britaniýa çempionlyk gazandy.

Boksda fransuzlar 3, türkler, irlandlar, bolgarlar 2 altyn medala eýelik etdiler. Fehtowaniýa bäsleşiklerinde-de fransuzlar öňe saýlandy. Olar bu ugurda hem 3 altyn medal gazanmagyň hötdesinden geldiler. Nyşana ok atmak bäsleşiklerinde italýanlar 9 altyn, wengerler 4, şweýsarlar 3 altyn medal gazanmagy başardy.

# TÄLIMÇILERINI TÄZELÄN TOPARLAR

### PSŽ LUIS ENRIKE BILEN YLALAŞDY

Kristof Galtieni wezipesinden boşadan Fransiýanyň çempiony PSŽ-niň täze tälimçisi belli boldy. Parižliler ispaniýaly hünärmen Luis Enrikeni tälimçilige bellediler. PSŽ 53 ýaşyndaky Enrike bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Luis Enrike özüniň täze kluby bilen baglanyşykly: — Parižde täze başdan geçirmä başlaýandygym üçin men örän şat. Täze adamlar bilen tanyşmak, Parižde ýaşamak, täze dil öwrenmek hem-de PSŽ-niň tälimçisi bolmak meni tolgundyrýar — diýdi. «Roma», «Selta», «Barselona» klublaryna tälim beren Luis Enrike soňky gezek Ispaniýanyň milli ýygyndysyna tälim beripdi.



### MESSI BILEN MARTINO 3-nji GEZEK BILE IŞLEŞER

ABŞ-nyň çempionaty MLS-iň klublaryndan «Inter Maýami» toparynyň täze tälimçisi belli boldy. Lionel Messini, Serhio Busketsi transfer eden kluba mundan soň argentinaly meşhur hünärmen Herardo Martino bellendi. Ozalam «Barselonada» Messidir Busketsiň tälimçisi bolan Tata lakamly tälimçi 2014-2016-njy ýyllarda Argentinanyň ýygyndysyna-da tälim beripdi. 60 ýaşyndaky Martino 2018-nji ýylda MLS-iň başga bir kluby «Atlanta» bilen çempionlyk gazanypdy.



### ÝURDUNA DOLANDY

Fransiýanyň çempionatynda geçen möwsümde soňky tapgyrlarda ligada galmagy başaran «Strasbur» kluby Patrik Wieirany toparyň täze tälimçisi edip belledi. 47 ýaşyndaky fransiýaly hünärmen «Strasbur» topary bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Mançester Sitiniň» ýaşlar toparyna, «Nýu Ýork Siti», «Nissa» klublaryna tälim beren Wieira soňky sapar «Kristal Palas» toparynyň tälimçisi bolupdy.



### ITALIÝALY TÄLIMÇINIŇ ORNUNA NIDERLAND TÄLIMÇI

Winçenzo Montellonyň wezipesini taşlamagyndan soň Türkiýäniň «Adana Demirspor» topary täze tälimçisini mälim etdi. Adana şäheriniň wekili niderland tälimçi Patrik Kluýwerti toparyň tälimçiligine belledi. 47 ýaşyndaky hünärmen türk kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Tälimçilik karýerasynda aglaba kömekçi tälimçi bolup işlän Kluiwert Kýurasaonyň milli ýygyndysyna tälim berýärdi.



### MONAKO ÇEMPION TÄLIMÇINI WEZIPÄ BELLEDI

Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de çykyş edýän «Monako» toparynyň tälimçiligine awstriýaly Adi Hütter bellenildi. 53 ýaşyndaky tälimçi fransuz kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol soňky gezek 2021-2022-nji ýyllarda «Borussiýa M» toparyna tälim beripdi. Ondan öňem «Aýntraht», «Ýang Boýz», «RB Salsburg» ýaly klublarda işlän Hütter Awstriýada hem-de Şweýsariýada çempionlyk gazanypdy.



### MEŞHUR HÜJÜMÇI TÄLIMÇILIGE BAŞ GOŞDY

Ozalky meşhur hüjümçi, irlandiýaly futbolçy Robbi Kin tälimçilige ädim ätdi. Ol Ysraýylyň meşhur klublaryndan «Makkabi Tel-Awiw» toparynyň tälimçiligine bellendi. Tel-awiwliler 42 ýaşyndaky hünärmen bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Makkabi Tel-Awiw» ençeme ýyllap «Tottenham» klubunda çykyş eden hüjümçiniň ilkinji baş tälimçilik etjek kluby bolar. Ol ondan öň «Middlsbro» klubunda, şol sanda Irlandiýanyň milli ýygyndysynda tälimçiniň kömekçisi wezipesinde işläpdi.





### STIWEN JERRARD SAUD ARABYSTANYNDA

Saud Arabystanynyň klublary diňe bir futbolçy däl, eýsem, Ýewropanyň belli-belli tälimçilerini hem transfer edýär. «Al-Ittifak» topary angliýaly ozalky meşhur futbolçy Stiwen Jerrardy tälimçilige belledi. Arap kluby 43 ýaşyndaky hünärmeniň tälim berjek 3-nji kluby bolar. Şotlandiýada «Reýnjers», Angliýada «Aston Willa» toparlaryna tälim beren Jerrard öňümizdäki günlerde şertnama gol çeker.



### 2-NJI GEZEK «AL-HILALYŇ» TÄLIMÇISI BOLDY

Geçen möwsüm Türkiýäniň «Fenerbahçe» toparyna tälim beren portugaliýaly Žorge Žezuş Saud Arabystanynyň öňdebaryjy klublaryndan «Al-Hilal» bilen şertnama baglaşdy. Şertnamanyň möhleti häzirlikçe bir möwsümlik bolup, 68 ýaşyndaky hünärmen 2018/19 möwsüminden soň 2-nji gezek «Al-Hilal» toparyna tälim berer. Öz ýurdunda birnäçe kluba tälim beren Žezuş «Braga», «Benfika», «Sporting», «Flamengo» ýaly belli klublarda-da işledi.



### ILKINJI ZENAN TÄLIMÇI

Iňlis futbolynyň Angliýanyň 4-nji ligasy bolan «League Two»-nyň wekillerinden «Forest Grin Rowers» toparyna Hanna Dingli tälimçilige bellendi. Ol Angliýanyň professional ligalaryndaky ilkinji zenan tälimçi bolar. Dankan Fergusonyň ornuna wagtlaýynça bellenen 39 ýaşyndaky Dingli 2019-njy ýyldan bäri klubuň ýaşlar düzümine tälim berýärdi. Ol Angliýadaky professional ligalardaky erkek futbol klubuna tälim berjek ilkinji zenan tälimçi hökmünde hasaba alyndy.



### «RAÝO WALLEKANONYŇ» TÄZE TÄLIMÇISI

Soňky tapgyrlarda «La Ligada» galmagy başaran «Raýo Wallekano» klubunyň tälimçiligine Fransisko Hawier Rodriges bellendi. «Raýo Wallekano» toparynyň ozalky tälimçisi «Bornmut» toparyna geçipdi. 45 ýaşyndaky Fransisko madridliler bilen möwsümiň ahyryna çenli şertnama baglaşdy. Ol «Žirona», «Almeriýa», «Elçe» klublaryna-da tälim beripdi.





### AKWILANINIŇ ILKINJI BAŞ TÄLIMÇILIGI

Italiýaly ozalky belli futbolçy Alberto Akwilani «Serie B»-de çykyş edýän «Pisa» toparynyň tälimçiligine bellendi. Karýerasy boýunça «Roma», «Liwerpul», «Milan», «Ýuwentus», «Fiorentina» ýaly klublarda oýnan 38 ýaşyndaky hünärmen «Fiorentina» klubunyň U-19 toparyna tälim berýärdi. «Pisa» kluby geçen möwsüm «Serie B»-ni 11-nji orunda tamamlapdy.



### ITALIÝALY TÄLIMÇI ÝURDUNA DOLANDY

Italiýaly tälimçi Andrea Pirlonyň täze kluby belli boldy. 44 ýaşyndaky hünärmen italýan kluby tamamlanan möwsümde aşaky liga «Serie B» düşen «Sampdoriýa» toparyna tälim berer. Ol genueliler bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Geçen möwsümde Türkiýäniň «Fatih Karagümrük» toparyna tälim beren Pirlo stambullylary ilkinji onluga çykarypdy (7-nji orun). Türk klubundan öň «Ýuwentusa» tälim beren Pirlo turinliler bilen Italiýanyň Kubogyny hem-de Super Kubogyny gazanypdy.



# Ançelotti Braziliýanyň milli ýygyndysyna tälim berer

**Braziliýanyň ýygyndysynyň täze tälimçisi mälim edildi. Dünýä Kubogyny iň köp gazanan ýygyndynyň tälimçiligine italiýaly ussat hünärmen Karlo Ançelotti bellendi. Ol 2024-nji ýylyň tomsundan başlap, Braziliýanyň ýygyndysyna tälim berer. Bu barada Braziliýanyň futbol federasiýasynyň başlygy Ednaldo Rodriges resmi ýagdaýda habar berdi. Ol häzirlikçe, öňümizdäki 1 ýyl topara wagtlaýynça Fernando Diniziň tälim berjekdigini hem belläp geçdi. Rodriges: — Öňümizdäki Kopa Amerikada Ançelotti toparyň tälimçisi bolar. Oňa çenli bolsa Diniz topara tälim berer. Ol topary Ançelottiniň tälimçiligine taýýarlar – diýip, çykyş etdi.**



**Braziliýanyň ýygyndysy soňky 3 duşuşygynyň 2-sinde ýeňlişe sezewar boldy. Sambaçylar ýoldaşlyk duşuşyklarynda Marokkodyr Senegaldan degişlilikde, 2-1 we 4-2 hasaplar bilen asgyn gelipdi. Braziliýanyň ýygyndysy Gwineýany bolsa 4-1 hasabynda ýeňipdi.**

**Karlo Ançelottiniň häzirki wagtda «Real Madrid» bilen ýene-de 1 ýyllyk şertnamasy bolup, ol geljek ýylyň tomsunda tamamlanýar.**

**Ançelotti Braziliýanyň ýygyndysyndaky daşary ýurtly 2-nji, resmi duşuşyklardaky ilkinji baş tälimçi bolar. Mundan öň 1965-nji ýylda argentinaly Filpo Nuňýes diňe 1 ýoldaşlyk duşuşygynda Braziliýanyň ýygyndysyna tälim beripdi. Şeýle-de, 1925-nji ýylyň 6-25-nji dekabry aralygynda urugwaýly Ramon Platero, 1944-nji ýylyň 14-17-nji maýy aralygynda-da portugaliýaly Horeka braziliýaly tälimçiler bilen bilelikde topara tälimçi hökmünde bellenilipdi.**



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.



# TRANSFER TÄZELIKLERI

## «ÇELSI» ÝYLDYZLARYNY BÄSDEŞLERINE UGRATDY

● «Premier Ligada» möwsümi juda şowsuz tamamlan «Çelsi» kluby elindäki ýyldyzlary birin-birin ugratmagyny dowam edýär. Köp wagtdan bäri «Mançester Ýunaýted» bilen ady agzalýan Meýson Maunt hem klubdan gaýdanlaryň hataryna goşuldy. 24 ýaşyndaky hawbek özüni 5 ýyllap «Mançester Ýunaýtede» baglaýan şertnama gol çekdi. «Mançester Ýunaýted» topary ýarymgoragçynyň transferi üçin «Çelsi» klubuna 55+5 million funt sterling tölär. Ýyldyz oýunçy täze klubundan hepdelik 250-300 müň funt sterling hak alar. «Çelside» futbola başlan Maunt «Witesse» hem-de «Derbi Kaunti» klublarynda kärendesine çykyş etdi. Ol «Çelside» 4 möwsümde 195 oýunda 33 gol geçirdi. Maunt Angliýanyň ýygyndysynda-da 36 gezek meýdança çykyp, 5 gezek tapawutlandy. Meýson Maunt täze klubunda ozal Jorj Best, Braýan Robson, Erik Kantona, Dewid Bekham hem-de Kristiano Ronaldo ýaly ägirtleriň, rowaýatylaryň geýen 7-nji belgili köýnekçesini geýer.

* * *

Çempionaty 2-nji orunda tamamlan «Arsenal» kluby «Çelsiniň» germaniýaly hüjümçisi Kai Hawertsi düzümine goşdy. Topçular 24 ýaşly hüjümçi bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşyp, «Çelsi» klubuna-da 60+5 million funt sterling tölär. 2020-nji ýylda «Baýerden» 71 million funt sterlinge transfer edilen Hawerts täze klubunda-da 29-njy belgili köýnekçäni geýer. Ol «Çelside» 139 oýunda 32 gol geçirdi. Hawertsiň täze klubundan ýylda 17 million funt sterling hak aljakdygy habar berildi.

* * *

Möwsümi 3 kubok bilen tamamlan «Mançester Siti» topary «Çelsiniň» horwatiýaly ýarymgoragçysy Mateo Kowaçiçi transfer etdi. Şäherliler 29 ýaşyndaky futbolçy bilen 4 ýyllyk şertnama gol çekişdi. «Mançester Siti» Kowaçiçiň transfer tölegi üçin «Çelsi» klubuna 25+5 million funt sterling tölär. Kowaçiç «Çelside» UEFA Çempionlar Ligasynyň, Ýewropa Ligasynyň kuboklaryny gazanypdy. Ol «Çelsiden» öň «Real Madrid», «Inter» klublarynyň hem köýnekçesini geýipdi.

* * *

Italiýanyň «Milan» topary «Çelsiniň» ýarymgoragçysy Ruben Loftus-Çiki düzümine goşdy. 27 ýaşly oýunçy bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşan «Milan» onuň transfer tölegi hökmünde-de Çelsi klubuna 15+5 million ýewro berer. «Milan» topary «Atalanta» klubundan 31 ýaşyndaky italiýaly derwezeçi Marko Sportiellony hem tölegsiz düzümine goşdy. «Milan» bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşan Sportiello 57-nji belgili köýnekçäni geýer.

## IŇ GYMMAT ITALIÝALY FUTBOLÇY BOLDY

● Angliýanyň «Nýukasl» kluby Italiýanyň «Milan» toparynyň ýyldyzy Sandro Tonalini düzümine goşdy. Iňlis kluby 23 ýaşyndaky italiýaly ýarymgoragçy bilen 2028-nji ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy. «Nýukasl» topary Tonaliniň transfer tölegi hökmünde «Milana» 70 million ýewro tölär. Oýunçynyň görkezjek başarnygyna görä, ýene-de goşmaça tölegler hem bolup biler. Şunlukda, Tonali «Nýukaslyň» iň gymmat transferi bolar. Şol bir wagtyň özünde-de Tonali «Milanyň» transfere goýberen iň gymmat futbolçysy bolup, ol braziliýaly Kakanyň rekordyny täzeledi (67 million ýewro). Galyberse-de, Tonali transferine iň köp pul tölenen italiýaly futbolçy hökmünde hasaba alyndy. «Milanda» 130 oýunda 7 gezek tapawutlanan Tonali «Breşiýada» futbola başlapdy.

## «BARSELONANYŇ» TÄZE TRANSFERLERI

● «Mançester Sitiniň» germaniýaly futbolçysy Ilkaý Gündogan mundan soňky karýerasyny Ispaniýada dowam etdirer. Asly türk ýarymgoragçy «Barselona» bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. 33 ýaşyndaky ýyldyz oýunçynyň «Mançester Siti» bilen şertnamasy tamamlanypdy. Oýunçyny başga bir klub transfer etmek islese, 400 million ýewro tölemeli bolar. «Mançester Sitide» 7 ýyllap çykyş eden Gündogan 304 oýunda 60 gol geçirdi. Gündogan «Mançester Sitiden» öň «Borussiýa Dortmundda», ondan öňem «Nürnbergde» çykyş edipdi.

* * *

«La Liganyň» çempiony «Barselona» Ilkaý Gündogandan soň düzümine «Atletik Bilbaonyň» goragçysy Inýigo Martinesi transfer etdi. Şertnamasy tamamlanandygy üçin tölegsiz alnan 31 ýaşyndaky ispan goragçysy täze kluby bilen 2 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. «Atletik Bilbaodan» öň «Real Sosiedadda» çykyş eden Martines klublarda jemi 469 gezek meýdança çykdy.

## KLUBUŇ REKORD TRANSFERI

● Angliýanyň «Premier Ligasynyň» wekili «Brentford» topary çempionatyň başga bir kluby «Wulwerhemptondan» goragçy Natan Kollinzi transfer etdi. «Brentford» topary 22 ýaşyndaky irlandiýaly goragçy üçin «Wulwerhempton» toparyna 23 million funt sterling tölär. Bu bolsa «Brentford» toparynyň taryhyndaky iň gymmat transfer diýmekdir. Natan Kollins täze kluby bilen 6+2 ýyllyk şertnama baglaşdy.

## KAKALARYNYŇ ÇYKYŞ EDEN ÇEMPIONATYNA DOLANDYLAR

● Italiýanyň «Inter» topary ozalky meşhur goragçy Lilian Turamyň ogly, 25 ýaşyndaky hüjümçi Markus Turamy düzümine goşdy. Italýan kluby fransiýaly oýunçyny tölegsiz transfer etdi. Germaniýanyň «Borussiýa M» topary bilen şertnamasy tamamlanan Turam «Interde» 2028-nji ýyla çenli çykyş eder. «Borussiýa M» toparynda 4 möwsümde 134 oýunda 44 gol geçiren Turam ondan öň «Soşo» hem-de «Gengam» klublarynyň köýnekçesini geýipdi.

* * *

Markus Turam bilen bilelikde, ozalky başga bir ýyldyz futbolçynyň ogly hem «Serie A»-da çykyş eder. «Ýuwentus» kluby Fransiýanyň «Lill» toparynyň amerikaly ýarymgoragçysy Timoti Weany 10,3+2,1 million ýewro transfer etdi. Timoti Wea 1990-njy ýyllarda PSŽ, «Milan» ýaly klublaryň köýnekçesini geýen, «Altyn top» baýragyny gazanan ilkinji afrikaly futbolçy bolan we häzirki wagtda Liberiýa döwletiniň Prezidenti Jorj Weanyň ogludyr. «Ýuwentus» topary Timoti Wea bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Wea «Lillden» öň «Seltik» we PSŽ klublarynda oýnapdy.

## ARAP KLUBLARYNYŇ TÄZE ÝYLDYZLARY

● Saud Arabystanynyň «Al-Ahli» kluby «Liwerpul» bilen şertnamasy tamamlanan braziliýaly hüjümçi Roberto Firminony transfer etdi. 31 ýaşly hüjümçi Jidda şäheriniň wekili bilen 3 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Braziliýanyň «Figueirense» toparynda futbola başlan Firmino 2011–2015-nji ýyllar aralygynda Germaniýanyň «Hoffenhaým» klubunda oýnapdy. 2015-nji ýyldan bäri «Liwerpulda» çykyş edip gelýän ýyldyz oýunçy iňlis klubunda 362 oýunda 111 gol geçirdi. Onuň Braziliýanyň ýygyndysynda-da 55 oýunda 17 goly bar. «Al-Ahli» topary Firminodan öňem «Çelsiniň» senegally derwezeçisi Eduar Mendini 16 million funt sterlinge transfer edipdi. 31 ýaşyndaky derwezeçisi «Al-Ahli» bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşypdy.

* * *

Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» kluby «Çelsiniň» senegally goragçysy Kalidu Kulibalini transfer etdi. Er-Riýad şäheriniň topary 32 ýaşyndaky goragçy üçin iňlis klubuna 20 million ýewro möçberinde töleg tölär. Kulibali täze kluby bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Geçen möwsümiň başynda «Çelsä» geçen Kulibali londonlylaryň düzüminde 32 oýunda meýdança çykdy. «Mets», «Genk» klublarynda oýnan Kulibali 8 möwsüm «Napolide» çykyş edipdi.

* * *

Italiýanyň «Inter» toparynyň horwatiýaly ýarymgoragçysy Marselo Brozowiç karýerasyny Saud Arabystanynda dowam etdirer. 30 ýaşyndaky oýunçy super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň çykyş edýän kluby «Al-Nassr» toparyna transfer boldy. «Al-Nassr» kluby Brozowiçiň transferi üçin «Inter» toparyna 18 million ýewro berer. 2015-nji ýyldan bäri «Interiň» köýnekçesini geýip gelýän Brozowiç italýan toparynda 8,5 möwsümde 330 oýunda 31 gol geçirdi.

* * *

Saud Arabystanynyň soňky çempiony «Al-Ittihad» düzümini güýçlendirmegini dowam edýär. Portugaliýaly Nuno Espirito Santonyň tälimçiligindäki klub Karim Benzemadyr N’Golo Kanteden soň ýene bir meşhur futbolçyny transfer etdi. Jidda şäheriniň wekili «Seltik» toparynyň portugaliýaly ýyldyzy Žota Neweşi 29 million ýewro transfer etdi. 24 ýaşyndaky gapdal ýarymgoragçy (winger) arap kluby bilen 3 ýyllyk ylalaşyk gazandy. Ol «Seltikde» 2 möwsümde 83 oýunda 28 gol geçirdi.

## 13 ÝYLDAN SOŇ KÖNE KLUBUNA DOLANDY

● «Ýuwentus» bilen şertnamasy tamamlanan argentinaly ýarymgoragçy Anhel Di Mariýa 13 ýyldan soň ozalky kluby «Benfika» dolandy. 35 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy lissabonlylar bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2007–2010-njy ýyllar aralygynda «Benfikada» oýnan Di Mariýa ondan soň «Real Madrid», «Mançester Ýunaýted», PSŽ, «Ýuwentus» ýaly Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň 4-siniň esasy klublarynda çykyş etdi. Dünýä Kubogynyň eýesi Di Mariýa klublarda 724 oýunda 162 gol geçirdi.

## BEÝLEKI TRANSFERLER

● London şäheriniň «Tottenham» topary aşaky liga düşen «Lester Sitiniň» ýyldyzy Jeýms Meddisony 40 million funt sterlinge transfer etdi. «Tottenham» topary 26 ýaşyndaky ýarymgoragçy bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. 5 möwsüm «Lesteriň» düzüminde çykyş eden Meddison 203 oýunda 55 gezek tapawutlandy. «Kowentri Sitide» futbola başlan Meddison «Norwiç Siti», «Aberdin» ýaly klublarda-da oýnady.

* * *

«Borussiýa Dortmund» topary «Wolfsburg» toparyndan Feliks Nmeçany düzümine goşdy. Nmeçanyň transferi üçin «Borussiýa» topary «Wolfsburga» 30-32 million ýewro berer. 22 ýaşyndaky germaniýaly ýarymgoragçy täze topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Mançester Sitiniň» ýaşlar düzüminde futbola başlan Nmeça «Wolfsburgda» 2 möwsümde 50 oýunda 3 gezek tapawutlandy.

* * *

«Lester Siti» bilen şertnamasy tamamlanan türkiýeli goragçy Çaglar Söýünjüniň täze kluby belli boldy. Ol Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2016-njy ýylda «Altynordu» toparyndan «Fraýburga», 2018-nji ýylda-da «Lester Siti» toparyna transfer bolan Söýünjü iňlis klubunda 132 oýunda meýdança çykdy.

* * *

Londonyň «Çelsi» kluby Ispaniýanyň «Wilýarreal» toparyndan senegally hüjümçi Nikolas Jeksony transfer etdi. Iňlis kluby 21 ýaşly oýunçynyň transferi üçin ispan toparyna 37+2 million ýewro berer. «Çelsi» Jekson bilen 8 ýyllyk şertnama baglaşdy. Futbola «Wilýarrealda» başlan Jekson 1 möwsüm «Mirandes» klubunda kärendesine çykyş edipdi. Jekson «Wilýarrealda» geçen möwsüm 13 gol geçirdi.

* * *

Fransiýanyň «Marsel» topary «Atletiko Madridiň» fransuz ýarymgoragçysy Žoffre Kondogbiany 8 million ýewro transfer etdi. 30 ýaşyndaky ýarymgoragçy «Marsel» bilen 4 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. Kondogbia madridlileriň düzüminde 3 möwsümde 93 duşuşyk geçirdi. Ol «Atletikodan» öň «Walensiýa», «Inter», «Monako», «Sewilýa», «Lans» klublarynyň köýnekçesini geýipdi.

* * *

Angliýanyň «Liwerpul» topary «Bundesliganyň» «Leipsig» toparynyň wengriýaly oýunçysy Dominik Soboslaini 70 million ýewro transfer etdi. 22 ýaşly ýarymgoragçy «Liwerpul» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol «Bundesligada» 2 möwsümde 62 oýunda 12 gol geçirip, 16 goluň pasyny berdi. Soboslai «Leipsigden» öň «RB Salsburgda» oýnapdy.








**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky**

**Hormatly adamlar!**

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzyň bagtyýar ýaşlary üçin ýörite açylan «Bagtyýar nesil» atly möhletli goýumyny hödürleýär.

«Bagtyýar nesil» möhletli goýumy ýyllyk 9 göterim bilen, kämillik ýaşyna ýetmedik çaganyň ene-atasy tarapyndan çaga kämillik ýaşyna ýetýänçä möhlete açylýar. Goýuma kabul edilýän pul serişdeleriniň iň az möçberi 200 (iki ýüz) manat bolup, aňryçäk möçberi çäklendirilmedikdir.

Goýuma pul serişdeleri nagt ýa-da aýlyk zähmet haky, pensiýa we döwlet kömek pul tölegleri geçirilýän «Altyn asyr» bank kartynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde kabul edilip bilner.

**Hormatly raýatlar!**

«Bagtyýar nesil» möhletli goýumy her bir çaganyň ene-atasy üçin amatlydyr we ygtybarlydyr!

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
**+99312 44-02-80; +99312 44-03-04**
**Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi *www.tnbk.tm* internet sahypasynda ýerleşdirilendir.**




